# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:

**– TÜRKMENISTAN BILEN AZERBAÝJAN RESPUBLIKASYNYŇ ARASYNDAKY HYZMATDAŞLYK ÄHLI ESASY UGURLAR BOÝUNÇA MUNDAN BEÝLÄK-DE ÖSDÜRILER. MUNUŇ ÖZI IKI ÝURDUŇ WE OLARYŇ HALKLARYNYŇ UZAK MÖHLETLI BÄHBITLERINE DOLY LAÝYK GELÝÄR.**

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
10-njy iýul, 2026. Belgisi 28/1698



# TÜRKMENISTAN–AZERBAÝJAN: DÖWLETARA GATNAŞYKLAR GIŇELDILÝÄR

8-nji iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Azerbaýjan Respublikasynyň ykdysadyýet ministri Mikail Jabbarowy kabul etdi.

Mikail Jabbarow mähirli kabul edilendigi hem-de azerbaýjan wekiliýetine bildirilen myhmansöýerlik üçin hoşallygyny beýan edip, Azerbaýjanda Türkmenistan bilen gatnaşyklary ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýändigini aýtdy hem-de pursatdan peýdalanyp, Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýewiň döwlet Baştutanymyza iberen mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi. Şeýle-de myhman döwletara gatnaşyklary ilerletmekde ýokary derejedäki yzygiderli dialogyň ornuny belläp, hormatly Prezidentimiziň ýakynda Azerbaýjana amala aşyran döwlet saparynyň azerbaýjan-türkmen hyzmatdaşlygynda täze sahypany açandygyny aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, öz gezeginde, Azerbaýjanyň Prezidentine iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de myhmanyň şu gezekki saparynyň ikitaraplaýyn söwda-ykdysady gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmaga möhüm goşant boljakdygyna, özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge täze itergi berjekdigine ynam bildirdi. Döwlet Baştutanymyz Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-azerbaýjan toparynyň nobatdaky mejlisiniň üstünlikli geçirilmegini arzuw edip, bu mejlisiň ozal gazanylan ylalaşyklary durmuşa geçirmäge, Türkmenistan bilen Azerbaýjanyň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga ýardam berjekdigini nygtady.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, Türkmenistan Azerbaýjan bilen köpugurly hyzmatdaşlygy giňeltmäge uly ähmiýet berýär. Ýurtlarymyzy hem-de halklarymyzy özara hormat goýmaga, ynanyşmaga esaslanýan dostlukly we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary baglanyşdyrýar. Häzirki wagtda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk gün tertibiniň ähli ugurlary boýunça üstünlikli ösdürilýär. Syýasy dialog yzygiderli pugtalandyrylýar, söwda-ykdysady gatnaşyklar giňeldilýär, bilelikdäki giň möçberli taslamalar durmuşa geçirilýär.

Duşuşykda şu ýyl ýurdumyzda geçiriljek Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Azerbaýjan Respublikasynyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň sebit hyzmatdaşlygyny ösdürmekde uly ähmiýete eýe boljakdygy aýdyldy. Bu sammitiň Türkmenistanyň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynda başlyklyk edýän döwründe geçirilmegi aýratyn many-mazmuna eýedir. Hormatly Prezidentimiziň ýakynda Azerbaýjan Respublikasyna amala aşyran döwlet saparynyň ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ösüşinde möhüm tapgyr bolandygyna, onuň çäklerinde geçirilen ýokary derejedäki gepleşikleriň dürli ugurlarda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmak babatda täze mümkinçilikleri açandygyna üns çekildi.

Söhbetdeşler ykdysady mümkinçilikleri durmuşa geçirmekde hökümetara toparyň wajyp ornuny bellediler. Bu topar söwda, logistika, ylym, tehnika ulgamlarynda hem-de beýleki ileri tutulýan ugurlarda gatnaşyklary diwersifikasiýalaşdyrmaga ýardam berýän utgaşdyryjy gural bolup çykyş edýär. Şeýle hem iki ýurduň geografik taýdan amatly ýerleşişini netijeli ulanmagyň möhümdigine üns çekildi. Munuň özi energetika ulgamynda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek, halkara üstaşyr ulag geçelgelerini ösdürmek, logistika ugurlaryny kämilleşdirmek, halkara ähmiýetli bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek üçin giň mümkinçilikleri açýar.

Medeni-ynsanperwer ulgam döwletara gatnaşyklaryň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, ylym, bilim, medeniýet ulgamlarynda özara hereketleri mundan beýläk-de ösdürmegiň möhümdigi bellenildi. Munuň özi halklarymyzyň arasyndaky dostlugy we özara düşünişmegi pugtalandyrmak üçin berk binýat bolup hyzmat edýär.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz hem-de Azerbaýjan Respublikasynyň ykdysadyýet ministri Mikail Jabbarow däp bolan dostlukly türkmen-azerbaýjan gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de ugurlaryň giň gerimi boýunça üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirip, birek-birege we iki ýurduň doganlyk halklaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

# YKDYSADY HYZMATDAŞLYK BOÝUNÇA HÖKÜMETARA TOPARYŇ MEJLISI

**8-nji iýulda paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-azerbaýjan toparynyň dokuzynjy mejlisi geçirildi. Oňa toparyň türkmen böleginiň başlygy we agzalary, Azerbaýjan Respublikasynyň ykdysadyýet ministri Mikail Jabbarowyň ýolbaşçylygynda ýurdumyza sapar bilen gelen wekiliýetiň agzalary gatnaşdylar.**

Mejlisiň dowamynda oňa gatnaşyjylar – iki ýurduň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň wekilleri Prezidentler Serdar Berdimuhamedowyň hem-de Ilham Aliýewiň yzygiderli tagallalary bilen döwletara gatnaşyklaryň ýokary derejä ýetirilendigini kanagatlanma bilen bellediler.

Nygtalyşy ýaly, ýokary derejedäki saparlar möhüm ugurlarda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ilerletmekde uly mümkinçilikleri açýar. Şunuň bilen baglylykda, taraplar hormatly Prezidentimiziň şu ýylyň iýunynda Azerbaýjan Respublikasyna amala aşyran döwlet saparynyň ähmiýetini bellediler. Onuň dowamynda ugurdaş ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň arasynda resminamalaryň toplumyna gol çekilmegi gatnaşyklary gyzyklanma bildirilýän giň ugurlarda ösdürmäge şert döredýär. Saparyň dowamynda Türkmenistana «Dostluk» nebit tankeriniň sowgat hökmünde gowşurylmagy türkmen-azerbaýjan gatnaşyklarynyň mizemezligini görkezen nobatdaky waka boldy. Ýeri gelende bellesek, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen dostlukly goňşy ýurda sowgat hökmünde Fizuli şäherinde metjidiň gurluşygy alnyp barylýar.





Mejlise gatnaşyjylar toparyň ozalky mejlisiniň dowamynda gazanylan ylalaşyklaryň durmuşa geçirilişiniň barşy barada pikir alyşdylar. Iki ýurduň degişli ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hem-de iş toparlarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy has-da çuňlaşdyrmak boýunça degişli tekliplere garaldy. Türkmenistan we Azerbaýjan ikitaraplaýyn görnüşde, şeýle hem halkara guramalaryň, sebit dialogynyň çäklerinde hyzmatdaşlygy netijeli ösdürýärler. Şu ýyl Türkmenistan Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Azerbaýjanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynda, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynda başlyklyk edýär. Şunuň bilen baglylykda, taraplar öňde boljak çäreler barada durup geçdiler.

Taraplar döwletara hyzmatdaşlygyň söwda-ykdysady görkezijilerine aýratyn üns berdiler. Özara haryt dolanyşygynyň ýylsaýyn artmagy bu ugurdaky hyzmatdaşlygyň üstünlikli ösdürilýändigini, söwda-ykdysady ulgamdaky gatnaşyklaryň netijeli häsiýete eýedigini görkezýär. Şunuň bilen baglylykda, taraplar ýurtlarymyzyň bu ugurdaky kuwwatyny doly derejede durmuşa geçirmek üçin giň mümkinçilikleriň bardygyny bellediler. Mejlisde ykdysadyýetiň, maýa goýumlaryň dürli ugurlaryndaky, ösen tehnologiýalar pudagyndaky gatnaşyklary täze derejä çykarmagyň ýollary, söwda dolanyşygyny giňeltmegiň mümkinçilikleri seljerildi hem-de bilelikdäki işiň anyk meýilnamalary kesgitlenildi. Toparyň agzalary işewürlik ugry boýunça özara duşuşyklary, işewürlik maslahatlaryny yzygiderli esasda geçirmegiň zerurdygyna ünsi çekip, şeýle çäreleriň özara söwda dolanyşygynyň möçberiniň artmagyna kuwwatly itergi berjekdigini tassykladylar.

Nebitgaz we elektroenergetika ulgamyndaky hyzmatdaşlyk ara alyp maslahatlaşmalaryň esasy mazmunyny düzdi. Bellenilişi ýaly, iki ýurduň hem uglewodorod serişdeleriniň ägirt uly gorlaryna eýe bolmagy dünýäniň energetika bazarynda tagallalary utgaşdyrmak, giň gerimli düzümleýin taslamalary durmuşa geçirmek babatda uly mümkinçilikleri açýar. Häzirki wagtda Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynda kuwwaty 1 müň 574 megawat bolan täze elektrik stansiýasynyň gurluşygynyň alnyp barylmagy elektroenergetika ulgamynda hyzmatdaşlygyň geljegini ara alyp maslahatlaşmak üçin esas döredýär.

Mejlisde iki ýurduň arasynda ulag-logistika, üstaşyr geçirmek, sanly ösüş, telekommunikasiýa ugurlarynda hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we geljekki mümkinçilikleri giňişleýin ara alnyp maslahatlaşyldy. ■2

## Türkmen bedewi – gözelligiň nusgasy



Türkmen halkynyň buýsanjy, milli gymmatlygy we wepadar hemrasy bolan ahalteke bedewleri dünýäde iň gadymy hem-de owadan at tohumlarynyň biri hasaplanýar. Ahalteke bedewleri özüniň gelip çykyşyny müňýyllyklaryň jümmüşinden alyp gaýdýar. Alymlaryň tassyklamagyna görä, bu tohum mundan 3-5 müň ýyl ozal kemala gelipdir. Türkmenistanyň sähra şertlerinde kemala gelen bedew atlar çydamlylygy, duýgurlygy we üýtgeşik beden gurluşy bilen tapawutlanýar. Ahalteke atynyň taryhy diňe bir haýwanat dünýäsiniň däl, eýsem, adamzat siwilizasiýasynyň hem aýrylmaz bölegidir. Alymlar onuň gelip çykyşyny iň gadymy medeniýetleriň biri bolan Änew medeniýeti we Altyndepe bilen baglanyşdyrýarlar. Gazuw-agtaryş işleri wagtynda tapylan at şekilleri we şaý-sepleri türkmen sährasynda eýýäm müňlerçe ýyl mundan ozal atçylygyň iň ýokary derejä ýetendigini subut edýär. ■3

### Taryhy ýadygärliklerde döwrebap tehnologiýalar



«Pompei» arheologik goraghanasynda hem-de Ewora şäherinde döwrebap taslamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär. ■4

### Saglyga peýdaly bakja önümi



Tomus paslynyň gelmegi bilen ak bazarlaryň bezegine öwrülen garpyz jana şypaly bakja önümleriniň biridir. ■5

### Ummanlaryň Güneş balygy



Dünýäde balyklaryň umumy 35 müň görnüşi duş gelip, ummanlarda 18 müň görnüşi ýaşaýar. ■6

### Dünýä Kubogynda 1/8 finalyň oýunlary



Kabo Werdeni kynlyk bilen ýeňen Argentinanyň ýygyndysy 1/8 finalda tasdanam Müsürden asgyn gelipdi. ■8



# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ EYR-nyň TELERADIOGEPLEŞIKLER BARADAKY GURAMASYNA BEREN INTERWÝUSY

***Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Eýran Yslam Respublikasyna amala aşyran saparynyň çäklerinde, eýran tarapynyň haýyşy boýunça, EYR-nyň Teleradiogepleşikler baradaky guramasynyň (IRIB) žurnalisti Seýýed Mohsen Hoseýniniň sowallaryna jogap berdi. Munuň özi häzirki wagtda hoşniýetli goňşuçylyk we özara hormat goýmak ýörelgelerine, iki halkyň medeni-ruhy gymmatlyklarynyň umumylygyna esaslanýan türkmen-eýran gatnaşyklarynyň yzygiderli ösdürilýändiginiň nobatdaky güwäsidir.***

***– Hormatly türkmen halkynyň Milli Lideri, Sizi eýran topragynda hoş gördük! Şeýle agyr günde eýran halkyna goldaw bermegiňiz we duýgudaşlyk bildirmegiňiz halkymyz we döwletimiz üçin uly ähmiýete eýedir. Eýran tarapy munuň üçin Sizden hoşaldyr. Eýran we Türkmenistan goňşy hem-de doganlyk ýurtlardyr. Söhbedimiziň başynda Siziň Eýran Yslam Respublikasynyň merhum ruhy Lideri bilen geçiren gepleşikleriňiz we olaryň ähmiýeti dogrusynda gürrüň beräýseňiz!***

– Köp sag boluň! Türkmen halky asyrlaryň dowamynda dost-doganlyk gatnaşyklara uly hormat goýup gelen halkdyr. Türkmenistan bilen Eýran hoşniýetli, birek-birege hormat goýmak gatnaşyklaryny saklap gelen doganlyk goňşy ýurtlardyr.

Siziň hem aýdyşyňyz ýaly, merhum Aýatolla Seýed Ali Hoseýni Hameneýi diňe bir öz ýurdunda däl, eýsem, başga ýurtlarda-da beýik şahsyýet hökmünde ykrar edilendir. Meniň Aýatolla Hameneýi bilen ilkinji duşuşygym 1998-nji ýylyň ýaz aýynda bolupdy. Şonda biz doganlyk ýurda sapar bilen gelipdik. Şol wagt men Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministri bolup işleýärdim. Onuň bilen ilkinji duşuşygymyz mende uly täsir galdyrypdy. Şol döwürden bäri 28 ýyl geçipdir. 2001-nji ýylda men Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň bilim, ylym, saglygy goraýyş, medeniýet meseleleri boýunça orunbasary boldum. 2007-nji ýyldan başlap, 15 ýylyň dowamynda Türkmenistanyň döwlet Baştutany hökmünde halkyma we Watanyma gulluk etdim. 2022-nji ýylda bolsa halkymyz meni türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy hökmünde saýlady. Maňa ähli döwlet wezipelerinde-de Eýranyň ruhy Lideri bilen duşuşmak miýesser etdi.

Aýatolla Seýed Ali Hoseýni Hameneýi bilen her gezek duşuşanymyzda, ol öz sypaýylygy, bilimliligi, paýhasy, zehini bilen köp ündewlerini bererdi. Türkmen we eýran halklarynda «Ula hormat, kiçä sylag» diýen pähim bar. Şonuň üçin ol syýasat, söwda-ykdysady gatnaşyklar, halklary has ýakynlaşdyrýan medeni-ynsanperwer meseleler babatda öz pikirlerini paýlaşardy. Öňden gelýän berk gatnaşyklary saklaýan iki halkyň bähbidine geçirilen şol duşuşyklar öz uly netijelerini-de bererdi. Ruhy Lider bilen tanyşlygymyz, gatnaşyklarymyz ençeme ýyllaryň dowamynda ýurtlarymyza diňe bähbit getirdi.

***– Siz ruhy Lider bilen bagly ýatlamalaryňyz barada gürrüň berdiňiz. Şolaryň arasyndan has ýatda galan, täsirli pursatlar hakynda aýratyn durup geçip bilersiňizmi?***

– Ähli özara geçiren duşuşyklarymyz täsirli geçdi. Ýöne ruhy Lider her gezek duşuşanymyzda, «Kyýamat güni goňşudan» diýen pähimden ugur alyp, şeýle diýerdi: «Siz bize diňe bir goňşy däl, biz süňk garyndaşdyrys».

Meniň pikirimçe, ähli duşuşyklar wajyp, esasan, syýasat barada aýdanymyzda, umuman, diňe bir iki ýurduň däl, sebitiň hem dünýäniň abadançylygy, parahatçylygy barada ruhy Lider bilen köp söhbet ederdik. Bilşiňiz ýaly, Türkmenistan dünýäde BMG tarapyndan üç gezek ykrar edilen ýeke-täk Bitarap ýurtdur. Şol sebäpli parahatçylyk, durnukly ösüş boýunça köp pikir alşardyk. Söwda-ykdysady gatnaşyklar babatda ol öz kän nesihatlaryny bererdi. Türkmen we eýran halklarynda, umuman, musulmançylykda, adam eger-de öz durmuşyny netijeli geçirjek bolsa, ol hökmany suratda ýol çekmeli, köpri gurmaly. Bu barada aýdylanda, Türkmenistan we Eýran şu ýyllaryň içinde bilelikde birnäçe awtomobil, demir ýollary, köprüleri gurdular. Ruhy Lider: «Ýollaryň hikmeti halklaryň biri-biri bilen gatnaşyk saklamagynda jemlenendir» diýerdi. Meniň pikirimçe, bu täsirli pursatlaryň biri diýip pikir edýärin.

Siziň bilen geçirýän şu söhbetdeşligimiziň dowamynda bir uly şahsyýetiň geçen ýoly barada aýtmak azlyk eder. Halk hem-de onuň bähbidi üçin edilen işler örän kändir. Köpri gurmak, ýol çekmek dost-doganlygy berkidýär. Ruhy Lider bilen söwda-ykdysady gatnaşyklardaky asyrlara barabar işler, medeni, taryhy köklerimiz barada hem köp pikir alşardyk. Taryhymyza ser salyp, geljekki ýaşlara edep-ekram bermek meselesini-de ara alyp maslahatlaşýardyk. Şonuň üçin hem biz Eýranyň alymlary, şahyrlary, ýazyjylary bilen gatnaşyk saklaýarys. Türkmenistanda golýazmalar instituty bar. Şoňa görä, biz geçmiş mirasymyzy öwrenmek barada-da gürrüň ederdik. Bu biziň üçin örän wajyp. Siziň bilşiňiz ýaly, häzirki wagtda Eýranyň Gülüstan welaýatynda 3 milliondan gowrak türkmen ýaşaýar. Şunuň bilen baglylykda, ruhy Lider bilen türkmen we eýran halklarynyň arasynda dost-doganlygy berkitmek hakynda kän pikir alşardyk.

Eýran topragynda biziň ady dünýä belli, akyldar şahyrymyz Magtymgulynyň gubury ýerleşýär. Bu bolsa biziň halkymyza Eýrana zyýarat etmäge uly mümkinçilik döredýär. Şoňa görä, biz bilelikde onuň hatyrasyny saklaýarys we şygyrlaryna gadyr goýýarys.

Belläp geçişim ýaly, 15 ýyl döwlete baştutanlyk eden döwrümde meniň ýolbaşçylygymda ençeme gaz we elektrik geçirijiler, demir we awtomobil ýollar gurlupdy. Bilelikdäki işleri amala aşyrýan wagtlarymyzda haryt dolanyşygy ýylyň dowamynda 5 milliard dollardan hem geçendir. Haryt dolanyşygy her ýyl göterim hasaby bilen 115, 150 göterimden aşak düşmezdi. Eýran beýleki döwletler bilen hem serhetleşýändir, ýöne iň uzyn serhedi biziň ýurdumyz bilendir. Türkmenistan bilen Eýranyň arasyndaky serhediň uzynlygy 1 müň 500 kilometrden geçýär. Ruhy Lider: «Biziň serhedimiz dost-doganlyk serhedidir» diýerdi hemişe. Şonuň üçin hem ol beýik şahsyýetdi.

***– Türkmenistanda türkmen halky tarapyndan ruhy Liderimize uly hormat goýulmagy we ýatlanylmagy biziň üçin uly mertebedir.***

– Türkmen halky ruhy Lidere hemişe-de örän uly hormat goýýardy. Onuň berýän öwüt-nesihatlary biziň üçin wajypdy. Biz duşuşyklarymyzda perzentden, ýagny gundagdaky çagadan başlap, gojalyga çenli ähli durmuş soraglaryna degip geçýärdik. Elbetde, şol bir wagtda, din baradaky soraglara-da serederdik. Bilşiňiz ýaly, Türkmenistan dünýewi, demokratik ýurt bolup durýar. Şol sanda biz dinimize, umuman, aňyrdan gelýän türkmençilik ýolumyza, musulmançylyga hem uly sarpa goýýarys. Bu meselede ruhy Lideriň beren nesihatlary ýaşlaryň arasynda has-da ähmiýetli. Mysal üçin, Eýranyň Türkmenistandaky ilçihanasy oba hojalyk uniwersitetiniň ýanynda ýerleşýär. Ruhy Lider: «Maňa ilçihananyň işgärleri siziň talyplaryňyzyň edepli-ekramly oglan-gyzlardygyny, başy tahýaly, gyzlaryň iki örüm saçlydygyny aýdýarlar. Bu siziň aňyrdan gelýän däp-dessuryňyzyň, tutan ýoluňyzyň netijesi» diýip baha bererdi. Elbetde, ýaşlara terbiýe bermekde milli medeniýetiň hem, musulmançylygyň hem uly orny bar.

Soňky duşuşygymyzda ruhy Lider: «Dogan, Sen metjit gurýaňmy, şeýle hem medrese-de gurýaňmy?» diýip sorag berip, «Metjit – Allanyň öýi, ýöne medrese gurmak has hem uly zat» diýip nygtapdy. Şeýle hem ol medrese gurmagyň ruhy pirlige barmakda sogaply işdigini aýratyn belledi. Şol gürrüňdeşlikde ol: «Dogan, men iş sebäpli öýden çykýan adam däl. Ýöne metjidiňizi gurup gutaranyňyzdan soň, men hökman şoňa barasym gelýär» diýipdi. Bularyň ählisi ruhy Lideriň çuňňur düşünjeli, giň dünýägaraýyşly şahsyýet bolandygyna güwä geçýär. Sebäbi syýasaty, ykdysadyýeti, ynsanperwerligi, medeniýeti, dini utgaşdyrmak gaty kyn zat. «Ula hormat, kiçä sylag» diýlişi ýaly, her sapar ruhy Lider bilen duşuşygym mende üýtgeşik täsirleri galdyrardy. Hut şonuň üçinem türkmen halkynyň oňa sarpasy uly.

***– Şu ýerde Siziň ruhy Liderimiz bilen geçiren duşuşyklaryňyzyň birinde düşen suratyňyz bar. Şu surata seredip, nähili duýgulary başdan geçirýärsiňiz?***

– Ýalňyşmasam, bu surat biziň iň soňky duşuşygymyzdan. Şonda gatnaşyklarymyz, dost-doganlygymyz diýsemem, örän netijeli bolandygy üçin mende begenç duýgusyny döredipdi. Ýöne Hudaý her birimize ýaş kysmatyny berýär. Biz Eýranyň ruhy Lideriniň ýatan ýeriniň ýagty, jaýynyň jennet bolmagyny, ruhunyň şat bolmagyny her sapar doga-dileg ederis.

***– Bilşiňiz ýaly, soňky döwürde dünýäde birnäçe çylşyrymly ýagdaýlar döreýär. Şeýle ýagdaýlaryň öňüni almak üçin bolsa möhüm çözgütler zerur bolup durýar. Bu babatda, türkmen halkynyň Milli Lideri, Siziň we türkmen halkynyň garaýyşlary nähili?***

– Ýokarda-da aýdyşym ýaly, «Kyýamat güni goňşudan». Şonuň üçin bu babatda anyk aýtsak, bu kyn ýagdaýlarda biz serhetlerimizi açyk sakladyk, ynsanperwerlik kömegini iberdik. Biz bu babatda çetde durmadyk. Biz «Açyk gapylar» syýasatyny alyp barýarys. Deňagramlylyk, deňhukuklylyk, abadançylyk, parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerine eýerýän Türkmenistan üç gezek ykrar edilen Bitarap ýurt bolup durýar. Şonuň üçin siziň döwlet Baştutanyňyzam, halkyňyzam biziň şu günki alyp barýan adyl, parahatçylykly syýasatymyzy, elbetde, gowy bilýändir. Bu beren sowalyňyzyň jogabyny jemlemek bilen, men bir zady bellemek isleýärin: entek urşuň utan ýeri ýok. Sebäbi atylan ok hiç zady saýgarmaýar, sen çagamy ýa-da esgermi, parhy ýok. Şonuň üçin türkmen halky hem syýasy tarapdan hemme ýerde biziň öz garaýyşlarymyzy beýan edýär.

***– Mundan beýläk Eýran Yslam Respublikasynyň ruhy Lideri, şehit Aýatolla Seýed Ali Hoseýni Hameneýiniň ady tutulanda, Siz näme diýersiňiz?***

– Muny bir jümle bilen aýdaýmaly: mundan beýläk dowamat bar.

***– Hormatly Milli Lider, şeýle kyn günde halkymyza duýgudaşlyk bildirip, gynanjyňyzy paýlaşandygyňyz hem-de sowallarymyza beren jogaplaryňyz üçin Size sagbolsun aýdýarys.***

– Sag boluň!

## Emeli aňda täze tapgyr

Ýakyn günlerde dünýäniň öňdebaryjy tehnologiýa korporasiýalary tarapyndan emeli aň ulgamynda möhüm täze modelleriň we täzelenmeleriň tanyşdyrylmagyna garaşylýar. Hususan-da, «OpenAI» kompaniýasy özüniň iň kuwwatly emeli aň modeli bolan «GPT-5.6»-ny giň jemgyýetçilige resmi taýdan elýeterli edýär. Kompaniýanyň habar bermegine görä, bu ulgamyň kämilleşen «Sol», orta derejeli «Terra» we tygşytly «Luna» ýaly görnüşleri ulanyjylara hödürlener.




Şunuň bilen bir hatarda, Ilon Maskyň «SpaceXAI» (xAI) taslamasy «Anysphere» kompaniýasy bilen hyzmatdaşlykda maglumatlary ýokary tizlikde işlemäge ukyply täze emeli aň modelini tanyşdyrmaga taýýarlanýar. Şol bir wagtda, «Meta» korporasiýasy hem tekstli görkezmeler esasynda ýokary hilli şekilleri döretmäge mümkinçilik berýän «Muse Image» atly ilkinji modelini ulanmaga berdi.

## Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara toparyň mejlisi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Iki ýurduň geografik taýdan amatly ýerleşmegi, sebitde üstaşyr geçirmegiň möçberiniň artmagy döwrebap ulag infrastrukturalarynyň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmagy şertlendirýär. Soňky ýyllarda ýurdumyzda köpugurly ulag ulgamyny kemala getirmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Türkmenistan bilen Azerbaýjan Respublikasynyň ulag ulgamyndaky netijeli hyzmatdaşlygy sebitleýin we ählumumy ösüşiň bähbidine gönükdirilendir. Ýurtlarymyz halkara ulag geçelgeleriniň çatrygynda möhüm üstaşyr geçirijiler bolup çykyş edýärler. Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň, Baku Halkara deňiz söwda portunyň döwrebaplaşdyrylan düzümleri Aziýa bilen Ýewropanyň arasynda ýükleri üstaşyr geçirmekde iň amatly ýollary üpjün edip, Hazar sebitini kuwwatly logistika merkezine öwürýär.

Medeni-ynsanperwer ulgam mejlisde ara alnyp maslahatlaşylan aýratyn ugur boldy. Geçen ýyl Azerbaýjanda Türkmenistanyň, şu ýylyň iýun aýynda bolsa Aşgabat we Arkadag şäherlerinde Azerbaýjanyň Medeniýet günleri geçirildi. Arkadag hem-de Fizuli şäherleriniň arasynda doganlyk gatnaşyklarynyň ýola goýulmagy medeni hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginde möhüm waka boldy. Mejlise gatnaşyjylar ylym, taryhy we golýazma edebiýatyny öwrenmek, sport, ýaşlar syýasaty ugurlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmäge gyzyklanmalaryň uludygyny bellediler. Şeýle-de oba hojalyk, azyk howpsuzlygy, daşky gurşawy goramak, şäher gurluşygy ýaly ulgamlarda hyzmatdaşlygy ilerletmegiň mümkinçiliklerine garaldy.

## Türkmen wekiliýeti ÝHHG-niň Parlament Assambleýasynyň mejlisine gatnaşdy

4–8-nji iýulda Türkmenistanyň wekiliýeti Niderlandlar Patyşalygynyň Gaaga şäherinde geçirilen ÝHHG-niň Parlament Assambleýasynyň 33-nji ýyllyk mejlisine gatnaşdy. Bu barada Türkmenistanyň DIM-niň web-saýtynda habar berilýär.

Ýyllyk mejlisiň çäklerinde wekiliýet parlamentara dialogy we sebit hyzmatdaşlygyny berkitmäge bagyşlanan «Merkezi Aziýa ýurtlarynyň parlament dialogy – ÝHHG sebitinde we onuň çäklerinden daşarda ynamy we howpsuzlygy pugtalandyrmagyň mehanizmi» atly ugurdaş çärä hem gatnaşdy.

Çäräniň dowamynda Türkmenistanyň wekiliýeti parlamentara hyzmatdaşlygy giňeltmegiň konstruktiw halkara dialogyny, özara düşünişmegi hem-de umumy gyzyklanma döredýän meseleler boýunça hyzmatdaşlygy ilerletmegiň netijeli gurallarynyň biri bolup durýandygyny nygtap, Türkmenistanyň bu ugurdaky garaýşyny beýan etdi.

Ýyllyk mejlisiň çäklerinde ÝHHG-niň Parlament Assambleýasynyň Prezidenti jenap Pere Žoan Pons Sampietro bilen duşuşyk geçirildi. Duşuşygyň dowamynda taraplar Türkmenistanyň ÝHHG-niň Parlament Assambleýasy bilen hyzmatdaşlygynyň häzirki ýagdaýy we ony mundan beýläk ösdürmegiň geljegi barada pikir alyşdylar.

Taraplar Aşgabatda yzygiderli geçirilýän halkara maslahatlaryň dialogy ilerletmekde, ynanyşmagy pugtalandyrmakda we parlament tejribesini alyşmakda netijeli meýdança bolup hyzmat edýändigini aýratyn bellediler.

Duşuşygyň dowamynda, Merkezi Aziýada sebit hyzmatdaşlygynyň depgininiň ýokarlanýandygy göz öňünde tutulyp, ÝHHG-niň Parlament Assambleýasy bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça toplumlaýyn sebit çemeleşmesi hem ara alnyp maslahatlaşyldy.

## Dünýäniň iň rahat şäheri

Beýik Britaniýanyň «Economist Intelligence Unit» (EIU) seljeriş merkezi tarapyndan taýýarlanan ýyllyk hasabata görä, Daniýanyň paýtagty Kopengagen ýaşamak üçin dünýäniň iň amatly we rahat şäherleriniň sanawynda bassyr ikinji gezek birinji orny eýeledi. Dünýä şäherleriniň durmuş şertleriniň oňaýlylyk derejesini kesgitleýän bu abraýly reýtingde Awstriýanyň paýtagty Wena şäheri ikinji orna mynasyp boldy.



Halkara seljermelere laýyklykda, Kopengageniň ýene-de öňdeligi eýelemegine şäheriň durmuş-ykdysady durnuklylygy, kämil infrastrukturasy hem-de döwlet hyzmatlarynyň ýokary hili oňyn täsir etdi. Ýyllyk görkezijileriň jemleri boýunça dünýäniň iň oňaýly 10 şäheriniň hataryna Melburn, Sidneý, Ženewa, Osaka, Adelaida, Wankuwer we Tokio ýaly iri merkezler girdi.

Hünärmenleriň bellemegine görä, dünýä boýunça durmuş hiliniň ortaça derejesi umumylykda durnuklylygyny saklady. Dünýä şäherleriniň ýyllyk hasabaty saglygy goraýyş, bilim, medeniýet, ekologiýa we düzümleýin infrastrukturanyň ösüş derejesi ýaly möhüm ugurlara esaslanyp düzülýär.

**Myratberdi MÄMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, leýtenant.*

## Tropik tokaýlar girdeji getirýär



**«Communications Earth & Environment» žurnalynda çap edilen täze ylmy barlaglara görä, tropik tokaýlaryň ýylda öndürýän ägirt uly ýagyş mukdary sebitleriň ykdysadyýetine, aýratyn-da oba hojalygyna milliardlarça dollar girdeji getirýär we olary goramagyň ähmiýetini has-da artdyrýar. Beýik Britaniýanyň Lids uniwersitetiniň alymlarynyň hasaplamalaryna görä, bu tokaýlyklaryň her gektary ýylda 2,4 million litr ýagyş suwuny emele getirýär. Diňe Braziliýanyň Amazoniýa tokaýlyklarynda ýagýan ýagyşlar sebitiň oba hojalygy pudagyna ýylda, takmynan, 20 milliard amerikan dollary möçberinde peýda getirýär, emma bu tokaýlary goramak we dikeltmek üçin bölünip berilýän maliýe serişdeleri agzalýan girdejiniň ujypsyzja bölegini düzýär.**

**Tokaýlyklar bugarma hadysalary arkaly oba hojalygynyň, suw üpjünçiliginiň hem-de elektroenergetika pudagynyň esasyny düzýän sebit we materik derejesindäki ýagyş ulgamlaryny durnukly saklaýarlar. Tropik sebitlerde tokaýyň her inedördül metri ýylda, takmynan, 240 litr, Amazoniýada bolsa 300 litre çenli ýagyş emele getirýär.**

## Uly demir ýol menzili guruldy

Hytaý Halk Respublikasynda meýdany 1,22 million inedördül metre barabar bolan, dünýäde iň iri hasaplanýan täze demir ýol menzili ulanmaga berildi. Bu ägirt uly desga Leýpsigiň Ýewropadaky iň iri «Hauptbahnhof» menzilinden 15 esse, Ýaponiýanyň «Nagoýa» menzilinden bolsa üç esse uludyr. Çunsin şäherinde ýerleşýän bu toplum 170 futbol meýdançasyna barabar çägi öz içine alyp, ýokary tizlikli otlular üçin niýetlenen dünýäniň iň iri ulag merkezine öwrüldi. Bu taslamanyň durmuşa geçirilmegi Hytaýyň soňky 30 ýylyň dowamynda alyp barýan düzümleýin özgertmeleriniň we döwlet strategiýasynyň nobatdaky üstünlikli ädimidir. Häzirki wagtda HHR dünýäde iň uzyn - 50 müň kilometrden gowrak ýokary tizlikli demir ýol ulgamyna eýe bolup, bu görkeziji boýunça dünýäde öňdeligi eýeleýär. Hytaý öz ösüşini inženerçilik wezipesi hökmünde kabul edip, ýollaryň, köprüleriň, elektrik stansiýalarynyň we beýleki desgalaryň gurluşygyny dowam etdirýär. Çunsin şäheriniň bu strategiýanyň merkezine öwrülmegi bolsa, ýurduň «Bir guşak, bir ýol» başlangyjy we söwda ýollaryny dikeltmek ugrundaky ägirt uly meýilnamalarynyň binýatlyk bölegi bolup durýar.



## Ýürek-damar ulgamyny berkidýär

Awstraliýanyň Monaş uniwersitetiniň alymlary tarapyndan geçirilen ylmy barlaglar hepdede yzygiderli ýumurtga iýmegiň uly ýaşly adamlaryň saglygyna örän oňyn täsir edýändigini we ýürek-damar saglygyny goraýandygyny ýüze çykardy. «Nutrients» žurnalynda çap edilen netijelere görä, hepdede alty sany ýumurtga iýýän uly ýaşly adamlaryň umumy saglyk ýagdaýy bu önümi seýrek ulanýanlar bilen deňeşdirilende, has durnukly bolup, olarda ýürek keselleriniň döremek howpy 29 göterim pes bolup çykdy.



70 ýaş we ondan uly bolan 8 müň 700-den gowrak adamyň gatnaşmagynda geçirilen köpýyllyk ylmy derňewler bu iýmitiň adam ömrüniň dowamlylygyny uzaltmaga hem ýardam edýändigini görkezdi. Mundan başga-da, hünärmenler ganynda holesteriniň derejesi ýokary bolan adamlar üçin hem bu önümiň zyýansyzdygyny anykladylar. Häzirki wagtda halkara lukmançylyk guramalary, şol sanda Amerikanyň kardiologiýa assosiasiýasy sagdyn adamlaryň hepdede ýedi sany ýumurtgany arkaýyn iýip biljekdigini tassyklaýar.

## Saglygy goraýyşda taryhy üstünlik

Hindistan Respublikasynda eneleriň we çagalaryň saglygyny goramak ulgamy taryhy derejede ýokary sepgitlere ýetdi. Bu barada ýurduň habar beriş serişdeleri mälim edýär. Şunlukda, çagalaryň doly sanjym bilen gurşalmagy 87,1 göterime, hassahanalaryň şertlerinde dogulýan çagalaryň paýy bolsa, 90,6 göterime barabar boldy. Ýurduň 715 okrugynyň 679 müňe golaý hojalygyny we 700 müňden gowrak aýalgyzlaryny öz içine alýan Hindistanyň Maşgala saglygy baradaky 6-njy milli barlagynyň netijeleri dünýä derejesindäki statistika hem düýpli täsir edýär, çünki dünýä ilatynyň altydan biri şu ýurtda ýaşaýar.



Häzirki wagtda Hindistanda ilatyň 97,98 göterimi elektrik energiýasy, 96,5 göterimi arassa agyz suwy bilen üpjün edildi, saglygy ätiýaçlandyryş ulgamy bolsa ilatyň 60 göteriminden gowragyny öz içine alýar. Şeýle-de zenanlaryň jemgyýetçilik-ykdysady mümkinçilikleri giňeldilip, olaryň 89 göterimi maşgala çözgütlerine işjeň gatnaşýar we bank hasaplaryndan peýdalanýar, 64,3 göterimi bolsa internet ulgamyny ulanýar. Gazanylan netijeler bilen bir hatarda, süýji we ýürek-damar keselleriniň öňüni almak baradaky işleri has-da kämilleşdirmek göz öňünde tutulýar. Bu ugurda bolsa sagdyn durmuş ýörelgesini kemala getirmäge aýratyn üns berilýär.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýul aýynyň 10-y, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-119037
Belgisi: 28/1698
Tiražy: 10340
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!



# Gün urmanyň öňüni alyş çäreleri

**Gün dürli şöhlelenmeleriň güýçli çeşmesidir. Olaryň içinde ultramelewşe şöhlesi möhüm ähmiýete eýe bolup, esasan hem, çagalar üçin has zerurdyr. Başgaça aýdylanda, ol çaganyň ösmegi üçin gerek bolan witaminleriň emele gelmegine gatnaşýar. Emma çendenaşa güýçli Gün şöhlesi agyr keselleriň, şeýle-de howply täze döremeleriň emele gelmegine sebäp bolup bilýär. Her kim çagalykdan başlap ilki mylaýym ýylylyk, soňra deriniň gyzarmagy ýaly Gün şöhlesini dürli derejede duýup başlaýar. Gün şöhlesiniň uzak wagtlap adam bedenine täsir etmegi deriniň ýanmagyna getirýär. Gün uran adamda ilkibaşda ýadawlyk, ysgynsyzlyk, kellagyry, başaýlanma, aýaklarynda we arkasynda agyry emele gelýär. Soňra gulak şaňlama, demgysma, ýüregiň çalt urmagy ýaly alamatlaryň döremegi mümkin.**

## GÜN URMADAN NÄDIP GORANMALY?

- Tomus paslynda sagat 09:00-dan 18:00-a çenli Günüň aşagynda köp gezmek maslahat berilmeýär.
- Yssy howada açyk reňkli egin-eşikleri, nah matadan tikilen ýeňil we giň biçüwli eşikleri geýmeli.
- Guşak guşanmasaň, kemer dakynmasaň gowy.
- Tomusda açyk reňkli başgaplary geýmeli.
- Hemmelere saýawan götermek maslahat berilýär.
- Tomus paslynda düzüminde efir ýagy bolan gözellik serişdelerini, atyrlary kosmetolog bilen maslahatlaşyp ulanmaly.
- Günüň zyýanly täsirinden goraýan «C» we PP witamine baý önümleri köpräk iýmeli.
- Günüň dowamynda kompot, mineral suwlar, gatyk, çal, aýran, dürli şireler ýaly suwuklygy köpräk içmeli, olaryň mukdary 2 litrden az bolmaly däl.

**Gülkamar SAPAROWA,**
*Aşgabat şäherindäki 5-nji Saglyk öýüniň şepagat uýasy.*





# Türkmen bedewi – gözelligiň nusgasy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Gadymy Hytaý çeşmelerinde bu atlara «Gany derleýän behişdi bedewler» diýlip at berlipdir. Hytaý imperatorlary öz goşunlaryny güýçlendirmek we «asman atyndan» nesil almak üçin uly ýörişleri gurapdyrlar. Bu bedewler sähranyň sary çägesinde, yssyda taplanyp we suwsuzlyga çydamlylygy bilen tapawutlanyp, iň kyn şertlerde-de çydamlylyk görkezipdirler.

Ahalteke bedewleri türkmen edebiýatynda hem giňden wasp edilipdir. Ahalteke bedewleri «Gorkut ata», «Görogly» şadessanlarynda, nusgawy şahyrlardan Magtymgulynyň, Seýdiniň, Magrupynyň, Mollanepesiň we Mätäjiniň goşgularynda giňden wasp edilipdir. Mysal üçin, Magtymguly Pyragy özüniň «Aty gerek» atly goşgusynda goç ýigidi bedew atsyz göz öňüne getirmeýär. «Bedewe gowy seretseň, bakyp-bejerseň, ol saňa zürýadyň ýaly hem syrdaş, hem ýoldaş bolar» diýip, tarypyny ýetirýär.

**AHALTEKE ATLARYNY BEÝLEKI TOHUMLARDAN TAPAWUTLANDYRÝAN ESASY AÝRATYNLYKLAR:**

Keýik boýunlylygy: uzyn we syrdam boýunlary olara aýratyn görk berýär. Inçe bil we uzyn aýaklar: bu gurluş bedewe ýyldyrym çaltlygyna bökmäge we ýüwürmäge mümkinçilik berýär. Ýüpek ýaly tüýi: bedewleriň teni Güne öwşün atyp, altyn ýa-da kümüş reňkde lowurdaýar. Şol sebäpli olara dünýäde «Altyn atlar» diýilýär. Türkmen bedewi eýesine wepadarlygy bilen tanalýar. Ol öz eýesiniň sesini, hatda ýörişini hem tanaýar.

Türkmen halky asyrlarboýy at seýislemegiň özboluşly mekdebini döredipdir. Seýisler bedewleriň ruhy dünýäsine hem düşünipdirler. Atlaryň iýmitine aýratyn üns berlip, olara kişmiş, hoz, jöwen we ýorunja ýaly ýokary hilli iýmitler berlipdir. «Ertir turup ataňy gör, atańdan soň – atyňy» diýen nakyl halkymyzyň durmuşynda bedewe goýulýan sarpanyň ýokarydygyny görkezýär.

Türkmen seýisçilik mekdebi – bu dünýäde deňi-taýy bolmadyk özboluşly maddy däl medeni mirasdyr. Seýisler atyň häsiýetine görä aýratyn çemeleşme tapýarlar.

**SEÝISÇILIGIŇ ESASY SÜTÜNLERI:**

Iýmit kadalary: bedewlere arpa, ýorunja we beýleki iýmitler ölçegli berilýär. Bedewiň bedeni artykmaç ýagdan dälde, polat ýaly berk muskullardan ybarat bolmalydyr. Örtük we ideg: atlar gyşyna sowukdan, tomsuna yssydan goralyp saklanýar. Bedewiň endamynyň öwşün atyşy seýsiň atyna bolan hyzmatynyň netijesidir. Ruhy baglanyşyk: türkmen seýisleri at bilen gürleşmegi başarýarlar. At eýesiniň her bir hereketini, sesiniň gatylygyny we hatda ruhy ýagdaýyny hem duýýar. Bu bolsa, bäsleşiklerde atyň we çapyksuwaryň bitewi bir göwrä öwrülmegine getirýär.

Bedewiň şaý-sepleri hem bu sungatyň bir bölegidir. Altyn-kümüşden ýasalan, gymmat bahaly daşlar bilen bezelen göwüsbentler, alajalar we eýerler diňe bir bezeg däl, eýsem, bedewe goýulýan sarpanyň alamatydyr.

Ahalteke bedewi dünýädäki beýleki köp sanly meşhur at tohumlarynyň, şol sanda arassa ganly iňlis atynyň, traken, hanower we arap atlarynyň kemala gelmegine uly täsir edipdir.

Ýurdumyzda Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň döredilmegi dünýäniň dürli künjegindäki atşynaslary birleşdirdi. Onuň döredilmegi atçylyk pudagynda beýleki döwletler bilen özara hyzmatdaşlygy ýola goýmaga hem-de ahalteke bedewleriniň halkara abraýyny dünýä ýaýmaga giň ýol açýar. Arkadag şäherindäki Aba Annaýew adyndaky Halkara ahalteke atçylyk akademiýasynyň hem-de Ahalteke atçylyk ylmy-önümçilik merkeziniň alyp barýan işleri has-da buýsandyryjydyr. Bu ýokary okuw mekdebi ýaş hünärmenleri taýýarlamakda we bu ugurda ylmy barlaglary alyp barmakda möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Şeýle-de Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň döredilmegi halkymyzyň müňýyllyklardan gözbaş alýan milli atşynaslyk ýörelgeleriniň häzirki döwürde mynasyp dowam etdirilýändigini aýdyň beýanydyr. Halkymyzyň asylly däpleri sarpalanyp, 2023-nji ýylda «Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri» ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna goşuldy.

Her ýylyň iň owadan bedewini saýlamak iň gyzykly dabaralaryň biridir. Çapyşyklar we «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň dünýä derejesindäki çykyşlary bedewiň sportdaky mümkinçiliklerini görkezýär. Bu toparyň Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde geçirilen 47-nji halkara sirk sungaty festiwalynda türkmen Tuguny belentde parladyp, Altyn baýraga mynasyp bolmagy ýurdumyzyň at-abraýyny Ýer ýüzüne ýaýdy. Bu toparyň agzalarynyň çapyp barýan atyň üstünde çalasyn hereketleri ussatlyk bilen ýerine ýetirip, sungat gözelliklerini döretmegi ýokary sport ussatlygyny hem talap edýär. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň gazanýan üstünlikleri ata Watanymyzda atly sportuň ösdürilýändiginiň aýdyň beýany bolup durýar. Olaryň çykyşlarynda çeýelik, gözellik hem-de ussatlyk bite-



wi sazlaşygy emele getirip, çykyşlaryň täsirliligini artdyrýar. Bu bolsa toparyň agzalarynyň öz işinde ussatlyk derejesine ýetendigini aýdyňlygy bilen görkezýär. Toparyň at üstündäki oýunlary dünýäde uly meşhurlyga eýe bolýar.

Alym Arkadagymyz «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» atly kitabynda: «Taryhyň uzak ýyllarynyň dowamynda her bir halk özüne mahsus milli gymmatlyklaryny döredip, asyrlarboýy sünnäläp, ajaýyp sungat derejesine ýetiripdir. Emma olaryň ählisi gaýtalap döredip bolmajak gözelligi hem-de umumadamzat ähmiýetliligi bilen bütin dünýä öwrülip gidibermändir. Hut şonuň üçinem, taryhyň gatlaryna nazar aýlanyňda, akylyňy haýrana galdyryjy gözellikleri döredip, dünýä medeniýetine, adamzat ösüşine uly goşant goşan halklaryň juda kän däldigine göz ýetirmek kyn däl. Türkmen aty, halysy, saz gurallary, şaý-sepleri, alabaý iti, saryja goýny, ak bugdaýy-bular biziň milletimiziň döreden maddy gymmatlyklarynyň esaslary we göze dürtülip duranlarydyr. Bu halkyň ýadygärligi onuň özüdir. Çünki, şol taryhyň çarkandakly ýollaryna garamazdan, bäş müň ýylyň dowamynda ol özüniň döredijі halk diýen ilkibaşdaky mertebesini saklamagy başardy. Şu ýerde ahalteke bedewiniň buýsançly keşbi halkyň özüniň taryhynyň simwoly hökmünde çykyş edýär» diýip belleýär.

Bulardan başga-da, 2015-nji ýylyň 21-nji noýabrynda «Atçylyk we atly sport hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bilen atçylyk sportuny ösdürmegiň mümkinçilikleriniň hukuk binýady pugtalandyryldy. Bu Kanun atçylygy, atly sporty ösdürmegiň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär hem-de Türkmenistanda arassa ganly tohum atlaryň genofonduny gorap saklamaga gönükdirilendir. Şeýle hem atlar ösdürilip ýetişdirilen, köpeldilen we ulanylan mahalynda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär. Atçylyk sportunda dünýäniň öňdebaryjy tejribelerini ornaşdyrmak hem-de ahalteke bedewleriniň şan-şöhratyny mundan beýläk-de belende galdyrmak, atly sporty kämilleşdirmek boýunça degişli işler geçirmek yzygiderli dowam etdirilýär. Ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda gurlan döwrebap atçylyk-sport toplumlarynda at çapyşyklaryny, atly sport oýunlaryny hem-de atlaryň päsgelçiliklerden bökmek boýunça ýaryşlaryny geçirmek hem asylly däbe öwrülýär.

Umuman, ahalteke bedewleri ata Watanymyzyň şan-şöhratyny has-da belende galdyrýar. Eziz Diýarymyz häzirki wagtda at çapyşyklarynyň, atçylyk sporty boýunça ýaryşlaryň geçirilýän mekanyna öwrülýär. Bedew bady bilen ösüşlere beslenýän ýurdumyzyň gazanýan üstünlikleri bagtyýar raýatlarymyzy täze zähmet üstünliklerine ruhlandyrýar. Ahalteke bedewleriniň şan-şöhratyny belende göterýän hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň alyp barýan işleri mundan beýläk-de uly rowaçlyklara beslensin.

**Ýunus MUHAMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň ylmy işgäri.*




# Tebigatymyzy ýangyn howpundan goramak her birimiziň borjumyzdyr

Dynç ýa-da zähmet rugsady wagtynda howanyň yssy günleri hormatly ildeşlerimiz maşgalalary bilen tämiz howaly, akar suwly tokaý seýilgäh zolaklarynda dynç alýarlar. Dynç alyş gurnalanda maşgalalary bilen nahar bişirmek üçin ot ýakýarlar. Ot ýakmagyň özboluşly düzgünlerini berjaý etmezden, ýangynyň ýüze çykmak howpuny döredýärler. Ýokarda bellenilişi ýaly, Aşgabat şäherinde we welaýatlarda köpçülikleýin dynç alynýan ýerlerde ot ýakmak doly gadagan edilen. Eger-de çykgynsyz ýagdaýa düşülende ot ýakmak üçin çägeli ýa-da akar suwuň golaýynda daşly ýerden peýdalanmalydyr. Ot ýakyljak ýeriň 15 metr daş-töweregi guran ot-çöplerden topraga çenli arassalanmalydyr. Ýarym metr çuňlukda oý ýerde ýa-da ot ýakyljak ýer daşly bolanda, töweregine daşlary örmeli. Otdan peýdalanyp bolnandan soň, suw sepip ýa-da gum, çäge sürüp doly söndürmeli.

Köpçülikleýin dynç alyş ýerlerinde söndürilmedik çilim, otluçöp galyndysyny taşlamak howpludyr. Şeýle-de dynç alyş ýerlerinde çüýşe gaplary we aýna döwüklerini galdyrmaly däl, sebäbi şol aýna gaplardan Günüň şöhlesiniň ugruny üýtgedip geçmegi bilen ýangynyň döremegine sebäp bolmagy mümkindir.

Dynç alşa maşgala bolup gidilende çagalary gözegçilikde saklamaly, olaryň ot ýakmagyna ýol bermeli däl. Dynç alşa köp adamlar özleriniň şahsy awtoulaglary bilen barýarlar, kähalatlarda bolsa awtoulaglary bilen guran ot-çöpleriň üstüni basýarlar. Bu bolsa howply ýagdaýlaryň ýüze çykmagyna getirýär. Sebäbi awtoulagyň tüsseçykaryndan uçgunlaryň çykmagy we guran ot-çöplere uçgunyň düşmegi bilen ýangynyň döremegi mümkin. Kähalatlarda bolsa dynç alyş ýerlerinde şahsy awtoulaglarda bejeriş-abatlama işleri geçirilip, awtoulagyň şaýlaryny esgi bilen süpürip, şol ýag-ýangyç siňen esgileri guran ot-çöpleriň üstüne taşlap gidýärler. Bu bolsa howply ýagdaýlara getirip bilýär. Şol ýag-ýangyç siňen esgiler yssy howada öz-özünden ýanyp, tebigatymyzyň gözelligine uly zeper ýetirmegi mümkin. Tebigatymyzyň ajaýyp gözelligini ýangyn howpundan gorap saklamak her birimiziň borjumyzdyr. Ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrmakda alnyp barylýan işleriň ähmiýetini ýokarlandyryp, hukuk goraýjy edaralar bilen bilelikde ýurdumyzda hukuk tertibini we kanunçylygy pugtalandyrmak, raýatlaryň kanuny hukuklaryny, bähbitlerini we döwletimizdäki eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, olara berkidilen tokaý seýilgäh zolaklarynyň ýangyn howpsuzlygyny ygtybarly üpjün etmek boýunça ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň talaplaryny berjaý etmek üçin, olaryň her bir işgäriniň ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini bilmegi, şeýle-de şol düzgünleri doly, dogry ýerine ýetirmegi, raýatlaryň janyna we saglygyna, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine maddy zyýan ýetirýän gözegçiliksiz oduň döremeginiň öňüni alyş işlerini geçirmek ugrunda ýadawsyz zähmet çekjekdigimize, Watanymyza, halkymyza, hormatly Prezidentimize wepaly gulluk etjekdigimize ynandyrýarys.



**Allamyrat ÇARYÝEW,**
*Aşgabat şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlygy bölüminiň 100-nji harbylaşdyrylan ýangyn howpsuzlyk bölüminiň ýangyn söndüriş söweşjeň bölümçesiniň müdiri, içerki gullugyň uly leýtenanty.*

# EDEBIÝAT

***Jowanni Bokkaçço: «Kitaplar diňe bir ylym bermek bilen çäklenmän, eýsem, ruhy durnuklylygy we rahatlygy hem bagyş edýärler».***

## Halkara Buker baýragynyň ady üýtgedildi

«Bukhman Philanthropies» haýyr-sahawat guramasynyň ýakyn on ýylyň dowamynda taslamany maliýeleşdirmegi öz üstüne almagy netijesinde, Halkara Buker baýragynyň ady mundan beýläk «Buhman adyndaky Halkara Buker baýragy» diýlip üýtgedildi. Şunuň bilen baglylykda, ýeňiji üçin göz öňünde tutulan baýrak gory iki esse artdyrylyp, 50 müň funt sterlingden 100 müň funt sterlinge ýetirildi. Mundan başga-da, terjime edebiýatynyň bilelikdäki zähmetiň önümidigini ykrar etmek maksady bilen, gysga sanawa (şort-liste) giren her bir kitap üçin 5 müň funt sterling möçberinde pul sylagy bellenilip, ol awtor bilen terjimeçiniň arasynda deň paýlanýar.




Taslamany maliýeleşdirýän «Bukhman Philanthropies» gaznasy mobil oýunlaryny öndürýän «Playrix» kompaniýasynyň bilelikde esaslandyryjysy, britaniýaly telekeçi Dmitriý Buhman we onuň ýanýoldaşy Darýa Buhman tarapyndan döredildi. 1985-nji ýylda Russiýanyň Wologda şäherinde dünýä inen, 2016-njy ýylda Ysraýyla, 2020-nji ýylda bolsa Beýik Britaniýa göçen D.Buhman «The Sunday Times» gazetiniň maglumatyna görä, 2025-nji ýylda Beýik Britaniýanyň 40 ýaşa çenli iň baý on raýatynyň hataryna girdi.

Eýýäm 2027-nji ýylyň Buker baýragy boýunça eminler geňeşiniň düzümi hem tassyklanyp, oňa ýazyjy Keti Kitamura ýolbaşçylyk eder. Eminleriň hatarynda terjimeçi Patrik MakGinness, ýazyjy we kinorežissýor Kaleb Azuma Nelson, ýazyjy Olga Rawn hem-de aktrisa we prodýuser Tessa Tompson bar. Eminler topary 2026-njy ýylyň 1-nji maýyndan 2027-nji ýylyň 3-nji apreline çenli döwürde Beýik Britaniýada ýa-da Irlandiýada iňlis dilinde neşir edilen çeper eserlere baha bererler. Baýraga dalaşgärleriň uzyn sanawy 2027-nji ýylyň 16-njy martynda, gysga sanawy bolsa 15-nji aprelinde jemlener, ýeňijiniň ady şol ýylyň maý aýynda dabaraly ýagdaýda yglan ediler.

## Döwlet baýragyna mynasyp boldy

Portugaliýaly ýazyjy Lidiýa Žorže 2026-njy ýylyň Ýewropa edebiýaty boýunça Awstriýanyň döwlet baýragynyň eýesi boldy. Bu barada Awstriýanyň Medeniýet ministrliginiň resmi saýtynda mälim edilýär. Pul sylagynyň möçberi 25 müň ýewro bolan bu abraýly baýragy gowşurmak dabarasy 27-nji iýulda Zalsburg festiwalynyň çäklerinde geçiriler we ony Awstriýanyň wise-kansleri, sungat hem-de medeniýet ministri Andreas Babler gowşurar.



1965-nji ýyldan bäri gowşurylyp gelinýän bu döwlet baýragy halkara jemgyýetçiliginde giňden ykrar edilen we eserleri nemes diline terjime edilen ýewropaly awtorlara edebi döredijilikde gazanan umumy üstünlikleri üçin berilýär. Emin agzalarynyň bellemegine görä, Lidiýa Žorže köp ýyllaryň dowamynda portugal edebiýatynyň iň täsirli wekilleriniň biri bolup durýar. Onuň döredijiliginde jemgyýetçilik deňsizligi, zenanlaryň hukuklary we kemsitmelere garşy göreş ýaly möhüm meseleler baş mowzuklar hökmünde öňe sürülýär. Wise-kansler Andreas Babler hem ýazyjynyň şahyrana diliň üsti bilen ynsan deňligini we durmuşyň gymmatlygyny goraýandygyny belläp, onuň döredijiligine ýokary baha berdi.

Häzirki wagtda 80 ýaşyndaky ýazyjy Lidiýa Žorže tas 50 ýyllyk döredijilik ýolunda 13 sany romany, şeýle-de çagalar üçin hekaýalary, pýesalary, goşgulary we esseleri ýazdy. Onuň eserleri onýyllyklaryň dowamynda ispan, fransuz, iňlis we nemes dillerine terjime edildi. Ýazyjynyň nemes dilinde neşir edilen eserleriniň arasynda «O Dia dos Prodígios» (1979), «A Costa dos Murmúrios» (1988) we «Misericórdia» (2022) ýaly kitaplary aýratyn tapawutlanýar.

Gündogar Afrikadaky kolonial uruş döwründe Angolada we Mozambikde ýaşan, şeýle hem uzak ýyllaryň dowamynda mugallymçylyk wezipelerinde zähmet çeken Lidiýa Žorže öz işjeň döredijilik ýoly üçin köp sanly abraýly baýraklara mynasyp boldy. Ol 2003-nji ýylda Portugal ýazyjylarynyň assosiasiýasynyň uly baýragyna, 2020-nji ýylda roman dillerindäki edebiýat boýunça FIL baýragyna we 2025-nji ýylda Pessoa baýragyna mynasyp boldy.

## Paýhaslar

☑ Hemişe dogry zady et, bu käbir adamlary razy eder, galanlaryny bolsa haýran galdyrar.

☑ Rehimdarlyk – kerleriň eşidip, körleriň görüp bilýän dilidir.

***Mark Twen.***

☑ Hakyky häsiýet – hiç kimiň görmeýän wagty hem dogry zady etmekdir.

***J.S.Welsford.***

☑ Kämillik däl-de, gutulgysyz özboluşlylyk gözelligi döredýär.

***Merilin Monro.***

☑ Hemmeleriň ýöreýän ýolundan ýöremäň, ýolsuz ýerden ýöräp, öz yzyňyzy galdyryň.

***Ralf Waldo Emerson.***

☑ Özgerişligiň syry – ähli güýjüňi könäni ýykmaga däl-de, täzesini gurmaga sarp etmekdir.

***Sokrat.***

☑ Men durmuşymda gaty köp aladalar bilen ýaşadym, ýöne hakykatda olaryň diňe az bölegi başyma geldi.

***Winston Çerçill.***

☑ Kiçijik bolsa-da, edilen her bir ýagşylyk biderek gitmez.

***Ezop.***

☑ Kämillige ýetip bolmaz, ýöne biz kämillige ymtylsak, ýokary netijeleri gazanyp bileris.

***Wins Lombardi.***

☑ Başgalary bagtly etmek isleseňiz, rehimdar boluň. Özüňiz bagtly bolmak isleseňiz, rehimdar boluň.

***Dalaý Lama.***

☑ Iň gowy usul – bu başgalaryň hyzmatynda özüňi ýitirip, tapmakdyr.

***Mahatma Gandi.***

☑ Eger uçup bilmeýän bolsaňyz, ylgaň; ylgap bilmeýän bolsaňyz, ýöräň; ýöräp bilmeýän bolsaňyz, süýrenip gidiň; ýöne näme etseňiz hem öňe gitmegi dowam ediň.

***Martin Lýuter King.***

☑ Geljegi öňünden çaklamagyň iň gowy ýoly – ony öz eliň bilen gurmakdyr.

***Abraam Linkoln.***

☑ Men dünýäniň özüme görkezýän reňklerine däl-de, öz kalbymdaky reňklere ynanýaryn.

***Frida Kalo.***

☑ Biri-biriňize wepaly boluň, sebäbi durmuşda iň uly güýç ynamdyr.

***Winston Çerçill.***

☑ Eger saýlan ýoluňyzda hiç hili päsgelçilik ýok bolsa, ol ýol sizi hiç ýere eltmez.

***Ernesto Çe Gewara.***

## ÝUNESKO-NYŇ «EDEBIÝAT ŞÄHERI»






**Türkiýäniň Kahramanmaraş şäheri ÝUNESKO-nyň Döredijilikli şäherleriň ählumumy ulgamyna «Edebiýat şäheri» hökmünde kabul edildi. Şunuň bilen baglylykda, Stambul şäheriniň Atatürk medeniýet merkezinde Kahramanmaraşyň baý medeni mirasyny, edebi däp-dessurlaryny tanyşdyrmak hem-de ÝUNESKO-nyň bu täze statusyny dabaralandyrmak maksady bilen, halkara tanyşdyrylyş çäresi geçirildi. Kahramanmaraş bu abraýly ulgama Türkiýäniň adyndan edebiýat ugrundan goşulan ilkinji şäher boldy we şeýlelikde, dünýäniň beýleki meşhur edebiýat merkezleriniň hataryna girdi.**

**Medeniýet we syýahatçylyk ministri Mehmet Nuri Ersoý öz çykyşynda şäheriň taryhy edebi däplerine ýokary baha berip, ÝUNESKO tarapyndan berlen bu derejäniň Kahramanmaraşyň diňe bir medeni däl, eýsem, durmuş-ykdysady taýdan ösmegine hem täze badalga berjekdigini nygtady. Şeýle hem çärede çykyş eden beýleki resmi şahslar we halkara wekilleri bu ykrar etmäniň nesillerboýy kemala gelen ruhy hem-de intellektual baýlygyň netijesidigini aýratyn bellediler.**

**Kahramanmaraş şäheriniň häkimi Fyrat Görgel şäheriň Nejip Fazyl Kysakürek, Jahit Zarifoğlu ýaly türk edebiýatyna uly goşant goşan dünýä belli söz ussatlaryny ýetişdirendigini ýatlatdy. Ol häzirki wagtda şäherde ondan gowrak edebiýat žurnalynyň neşir edilýändigini, şeýle hem halkara kitap ýarmarkalarynyň, şygyr we edebiýat günleriniň yzygiderli guralýandygyny habar berdi. Häkimiň bellemegine görä, 2023-nji ýylyň fewralynda bolup geçen weýrançylykly ýertitremeden soň şäheri gaýtadan dikeltmek işlerinde medeniýet, edebiýat we sungat ugurlary esasy orunda durýar. Häzirki wagtda sebitde täze muzeýleriň, kitaphanalaryň we medeni merkezleriň gurluşygy, şol sanda weýran bolan desgalaryň abatlaýyş işleri Türkiýäniň Medeniýet we syýahatçylyk ministrligi bilen bilelikde güýçli depginde dowam etdirilýär. Dabara kahramanmaraşly şahyrlaryň sözlerine düzülen aýdym-sazly çykyşlar bilen jemlendi.**

## Seýrek duş gelýän neşir auksiona çykarylýar

Iňlis ýazyjysy Emili Bronteniň dünýä edebiýatynyň nusgawy eserleriniň biri hasaplanýan «Tupanly belentlikler» atly romanynyň ilkinji seýrek neşiri auksionda satuwa çykarylýar. «Christie's» auksion öýüniň berýän maglumatyna görä, eseriň 1908-nji ýyldan bäri ilkinji gezek asyl mata daşlygynda auksiona çykarylýan bu seýrek nusgasy ýazyjynyň uýasy Anna Bronteniň «Agnes Greý» romany bilen bilelikde satuwa hödürlener. Deslapky çaklamalara görä, lotuň umumy bahasynyň 400-600 müň funt sterlinge ýetmegine garaşylýar.

Hünärmenleriň bellemegine görä, 1847-nji ýylda çap edilen ilkinji neşirden jemi 250 töweregi nusga çykarylyp, olaryň agramly bölegi soňra hususy ýygyndylar ýa-da kitaphanalar üçin täzeden daşlanypdyr. Häzirki wagtda asyl neşirdäki görnüşinde saklanyp galan sanlyja nusgalar aýratyn gymmata eýedir.

Şarlotta Bronteniň «Jeýn Eýr» romanynyň gazanan üstünliginden soňra gyssagly çap edilen bu neşir çaphana säwlikleri, şol sanda eseriň adyndaky käbir sözleriň nädogry ýazylandygy bilen tapawutlanýar. Çap edilen döwründe tankytçylar tarapyndan gapma-garşylykly pikirleri döreden hem bolsa, bu eser wagtyň geçmegi bilen edebiýatyň çäginden çykyp, dünýä medeniýetiniň aýrylmaz bölegine öwrüldi we sungat ussatlaryny, sazandalary hem-de kinematografiýaçylary täze döredijilik gözleglerine ruhlandyryp gelýär. Eseriň iň soňky ekranlaşdyrylan nusgalarynyň biri hem režissýor Emerald Fennelliň golaýda surata düşüren we dürli garaýyşlaryň ýüze çykmagyna sebäp bolan filmidir.

**Täzegül GANDYMOWA,**
*Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň öwreniji mugallymy.*

## Dua Lipa kitaphana açdy

Meşhur aýdymçy Dua Lipa Portugaliýanyň Portu şäherindäki dünýä belli «Livraria Lello» kitap dükanynyň binýadynda «Manifesto Library» atly öz hususy kitaphanasyny açdy. «Babell – City of Books» halkara kitap festiwalynyň çäklerinde guralan dabaraly çärä dünýä edebiýatynyň görnükli wekilleri gatnaşdylar. Täze kitaphana içki bezegi hem-de gurluşy taýdan Joan Roulinge «Garri Potter» romanyny ýazmaga ylham beren taryhy «Livraria Lello» kitap dükanynyň hemişelik bölegi hökmünde hereket eder.



Täze kitaphana aýdymçynyň 2021-nji ýylda esaslandyran «Service95» medeni taslamasynyň dowamy bolup, ol ilkinji tapgyrda ýüzden gowrak gymmatly eseri öz içine alýar. Bu ýerde dünýäniň meşhur eserleri jemlenip, olar okyjylar köpçüligine hödürlenýär.

Kitaphananyň gorunda Margaret Etwuduň «Gyrnagyň gürrüňi», Harper Liniň «Bilbili öldürmek», Rejinald Dueýn Bettsiň «Jenaýatkär», Trewor Noanyň «Reňksiz», Jodi Pikoltyň «On dokuz minut» atly romanlary, şeýle hem Rupi Kauryň «Süýt we bal» goşgular ýygyndysy ýaly dünýä edebiýatynyň nusgawy eserleri we başga-da ençeme kitaplar bar. Sungat işgäriniň bellemegine görä, bu taslama batyrgaýlygy bilen aýratyn yz galdyran ýazyjylaryň döredijiligine hem-de erkin pikirlenmegi saýlaýan okyjylara goýulýan ýokary sarpanyň nyşanydyr.

**Larisa MAMEDOWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň neşirleri toplamak we işlemek bölüminiň 1-nji derejeli redaktory.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde



**Gymmat bahaly ýüzük.** Belgiýanyň Antwerpen şäherindäki Bütindünýä almaz merkezi ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampa ýurduň Garaşsyzlygynyň 250 ýyllygy mynasybetli gymmaty 35 müň amerikan dollaryna barabar bolan «Freedom 250» atly altyn ýüzügi sowgat berdi. 396 sany gymmat bahaly daş bilen bezelen 18 karatlyk altyn ýüzük iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň nyşany hökmünde gowşuryldy.



**Kofeniň bagra peýdasy.** Täze ylmy barlaglar kofeniň bagyrda döreýän dürli keselleriň (sirroz, täze döremeler) töwekgelçiligini 32-47 göterime çenli azaldýandygyny görkezdi. Alymlar her gün 3-4 çaşka kofe içmegiň bagryň ýaglanmagynyň we çiş döremeginiň öňüni alýandygyny anykladylar. Muňa garamazdan, hünärmenler esasy öňüni alyş çäresiniň sagdyn durmuş ýörelgesi we kadaly iýmitlenmek bolup galýandygyny ýatladýarlar.



**Azerbaýjanyň dag obasy.** Azerbaýjanyň 2 müň 180 metr belentlikdäki Kawkaz daglarynda ýerleşýän taryhy Hynalyk obasynyň ilaty şu güne çenli hiç hili ýazuwy bolmadyk aýratyn dilde gepleşýär. Özlerini gadymy Kawkaz albanlarynyň nesilleri hasaplaýan oba ýaşaýjylary özboluşly ýarym çarwa medeniýetini we basgançakly daş jaýlaryny gorap saklamagy başarypdyrlar. Häzirki wagtda döwrebaplaşdyrylan bu oba özüniň üýtgeşik taryhy gymmatlygy bilen ünsi çekýär.



**«Ýewrowideniýe» bäsleşigine gatnaşar.** Kanada 2027-nji ýylda Bolgariýada geçiriljek «Ýewrowideniýe» aýdym-saz bäsleşigine ilkinji gezek gatnaşar. Resmi beýanata görä, bu karar Kanadanyň teleradioýaýlym korporasiýasynyň gurama doly agza bolmagy we kanadaly diňleýjileriň bäsleşige bolan ýokary gyzyklanmasy bilen bagly kabul edildi. Wenada geçirilen «Ýewrowideniýe-2026» bäsleşiginde kanadaly tomaşaçylar ses bermekde ilkinji üçlüge giripdi.



**Guşlaryň migrasiýa syry açyldy.** Şwesiýanyň Lund uniwersitetiniň alymlary käbir guşuň gyşlaýan ýerlerine barýan ýolunda näme üçin 4,5 müň kilometr artykmaç aralygy geçýändiklerini anykladylar. «Science» žurnalynda çap edilen barlaglara görä, siňekçi guşlar buzluk döwründen galan genetik ýat sebäpli henizem ilki Ispaniýa tarap uçýarlar. Ýazyna bolsa guşlar ýolbelet guşlara esaslanyp, höwürtgeleýän ýerlerine göni ugur bilen gysga ýoldan yzyna dolanýarlar.



**Wiktor Soýuň ýiten aýdymy tapyldy.** Şwesiýaly raýatyň şahsy arhiwindäki 1988-nji ýylyň magnit lentasyndan meşhur rok sazandasy we aýdymçy-kompozitory Wiktor Soýuň «Minutlaryň çagalary» atly seýrek aýdymynyň ýazgysy ýüze çykaryldy. Ýiti degişme äheňindäki bu aýdym sazandanyň doglan güni mynasybetli sanly formata geçirilip, halkara internet platformalarynda ilkinji gezek ýaňlandy.

**Yssy howa şertleri hasaba alyndy.** Ýewropada dörän aşa gyzgyn howa akymy zerarly Çehiýada, Germaniýada, Polşada we Ispaniýada taryhy rekordlar täzelenip, howanyň temperaturasy 35 gradusdan geçdi. BSGG-niň habar bermegine görä, yssylyk tolkuny häzirki wagtda Balkan ýurtlaryna tarap süýşýär. Degişli döwletlerde ilatyň saglygyny goramak boýunça adatdan daşary çäreler görülýär we bu tebigy hadysa global klimat üýtgemeleri bilen baglanyşdyrylýar.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1964-nji ýylyň 10-njy iýulynda «The Beatles» toparynyň dünýä meşhur «A Hard Day's Night» (Agyr günüň gijesi) atly albomy köpçülige hödürlenip, taryha altyn harplar bilen ýazyldy. Gysga wagtyň içinde meşhurlyk gazanan bu aýdym-saz ýygyndysy dünýäni sarsdyran köpçülikleýin «bitlomaniýa» akymynyň başlangyjyna öwrüldi.**




# Saýlawlaryň seneleri belli boldy

**Fransiýa Respublikasynda nobatdaky Prezident saýlawlarynyň birinji we ikinji tapgyrlarynyň degişlilikde, 2027-nji ýylyň 18-nji aprelinde hem-de 2-nji maýynda geçirilmegi meýilleşdirilýär. Halkara habar beriş serişdeleriniň maglumatlaryna görä, bu seneler ýurduň Ministrler Geňeşiniň mejlisinde resmi taýdan tassyklanmalydyr. Fransiýanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, döwlet Baştutanynyň saýlawlary häzirki Prezident Emmanuel Makronyň bäş ýyllyk ygtyýarlyk möhletiniň tamamlanmagyna 20-35 gün galanda guralmalydyr. Ýurt Baştutanynyň prezidentlik möhleti 2022-nji ýylyň 14-nji maýynda başlapdy.**




**Ozalky geçirilen saýlaw kampaniýalarynyň tejribesi hem Fransiýada raýatlaryň saýlawlara gatnaşyk derejesiniň hemişe birsydyrgyn bolmandygyny görkezýär. Has takygy, ýurtda geçirilen Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda ses bermäge gatnaşan raýatlaryň paýy 2017-nji ýylda 75 göterime, 2022-nji ýylda bolsa 72 göterime barabar boldy.**

**Häzirki wagtda döwlet Baştutany wezipesi ugrundaky bäsleşige gatnaşmaga taýýarlyk görýän syýasatçylaryň we dürli ugurlaryň wekilleriniň sany 25-den geçýär. Çepçi, merkezçi we sagçy syýasy güýçleriň arasynda öz dalaşgärlerini kesgitlemek boýunça deslapky taýýarlyk işleri dowam edýär. Eýýäm dürli syýasy güýçleriň wekilleri saýlawçylaryň goldawyny gazanmak ugrundaky deslapky taýýarlyk işlerine başladylar. Saýlaw möwsüminiň resmi tertipde yglan edilmegi bilen ýurtda saýlaw kampaniýasynyň barşy we syýasy ugurlar has-da aýdyňlaşar.**

# Garaşsyzlyk güni bellendi

4-nji iýulda Amerikanyň Birleşen Ştatlary Garaşsyzlygynyň 250 ýyllyk baýramyny dabaraly ýagdaýda belledi. Ýurduň ähli künjegini gurşap alan çäreler harby ýörişleri, awiaşoulary, harby gämileriň görkezilişini we uly feýerwerk şüweleňini öz içine aldy. Garaşsyzlyk güni mynasybetli ýurduň paýtagty Waşingtondaky Milli seýilgähde guralan dabarada ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp çykyş etdi. Döwlet Baştutanynyň öz çykyşynda bellemegine görä, bu sene ýurduň taryhynda möhüm tapgyr bolup, «Amerika arzuwy» ýene-de dikeldildi. Şanly ýubileý ýyly mynasybetli dünýä döwletleriniň we hökümetleriniň ýolbaşçylary, şeýle hem abraýly halkara guramalaryň wekilleri amerikalylara we ýurduň ýolbaşçylaryna gutlag hatlaryny ugratdylar.

Baýramçylyk dabaralary Waşingtonda, Filadelfiýada we ýurduň beýleki iri şäherlerinde köp sanly raýatlaryň gatnaşmagynda guralan giň gerimli feýerwerkler we döwrebap dron şoulary bilen utgaşdyryldy. Prezident Donald Tramp baýramçylyk ýüzlenmesinde ABŞ-nyň geçen çärýek müňýyllygyň dowamynda dünýäde parahatçylygyň, ösüşiň we azatlygyň tarapdary hökmünde çykyş edendigini nygtady. Şeýle hem ol döwletiň daşary syýasatda gazanan üstünliklerine, halkara meseleler boýunça alnyp barlan netijeli çärelerine we içerki durnuklylygy, milli gymmatlyklary gorap saklamagyň wajyplygyna aýratyn ünsi çekdi.

Halkara jemgyýetçiligi tarapyndan hem bu taryhy senä uly sarpa goýuldy. Beýik Britaniýanyň Patyşasy Karl III öz gutlagynda London bilen Waşingtonyň arasyndaky gatnaşyklaryň taryhy dowamatlylygyna, howpsuz-




lyk, söwda, ylym-bilim we medeniýet ulgamlaryndaky hyzmatdaşlygyň ýokary netijeliligine aýratyn baha berdi. Ýewropa Komissiýasynyň Başlygy Ursula fon der Lýaýen transatlantik hyzmatdaşlygyň umumy gymmatlyklara we dostlukly gatnaşyklara esaslanýandygyny belledi. Mundan başga-da, Fransiýanyň, Germaniýanyň, Italiýanyň, Polşanyň we Islandiýanyň döwlet hem-de hökümet ýolbaşçylary ABŞ bilen dostlukly gatnaşyklarynyň ähmiýetini tassyklap, dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde geljekde hem bilelikdäki tagallalaryň dowam etdiriljekdigini mälim etdiler.

# ÝB-niň GEŇEŞINE BAŞLYKLYK EDIP BAŞLADY




1-nji iýulda Irlandiýa Respublikasy Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşine alty aýlyk başlyklyk wezipesini resmi taýdan öz üstüne aldy. Ýurduň Premýer-ministri Mihol Martiniň mälim etmegine görä, bu jogapkärli wezipe dünýäde emele gelen çylşyrymly şertleriň arasynda aýratyn ähmiýete eýedir. «Agzybirlikde güýç bar» diýen şygar astynda hereket etjek Irlandiýa guramanyň beýleki 26 agza döwletiniň arasynda gepleşikleri alyp barmak we möhüm meseleler boýunça ylalaşyklary gazanmak wezipesini ýerine ýetirer. 2026-njy ýylyň ahyryna çenli dowam etjek bu döwürde Dubliniň öňünde durýan iň esasy ugurlar guramanyň giňelmegi, täze ýedi ýyllyk býujetiň taslamasyny taýýarlamak, daşary söwda gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak hem-de ykdysady bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlandyrmak ýaly möhüm wezipelerden ybaratdyr.

Şunuň bilen birlikde, Ukraina we Moldowa döwletleriniň gurama agza bolmak baradaky haýyşnamalaryna seretmek, şeýle hem bu ugurda has öňe giden Çernogoriýa bilen ylalaşyk şertnamasynyň taslamasyny taýýarlamagy tamamlamak maksat edinilýär. Maliýe ugrunda bolsa Ýewropa Bileleşiginiň 2 trillion ýewro möçberindäki täze ýedi ýyllyk býujeti boýunça agza ýurtlaryň talaplaryny utgaşdyrmak we oktýabr aýyna çenli umumy ylalaşyk resminamasyny taýýarlamak meýilleşdirilýär. Şol bir wagtda içerki bazary goramak boýunça «Ýewropada öndürilen» diýen kanunçylyk taslamanyň şertlerini anyklamak göz öňünde tutulýar.

# Möhletinden öň saýlawlar geçiriler

Italiýanyň Premýer-ministri Jorja Meloni ýurtda geljekki ählumumy saýlawlary kanun tarapyndan bellenilen möhletinden has ir, ýagny geljek ýylyň aprel aýynda geçirmegiň mümkinçiliklerine garaýar. Bu barada «Bloomberg» agentligi mälim edýär. Agentligiň habar bermegine görä, Premýer-ministr şunuň bilen baglylykda, eýýäm, Italiýanyň Prezidenti Serjo Mattarellanyň diwany bilen degişli maslahatlaşmalary geçirdi. Ýurduň saýlaw kanunçylygyna laýyklykda, parlamenti ýatyrmak we saýlawlaryň senesini bellemek ygtyýarlygy döwlet Baştutanyna degişlidir.

Hökümet Baştutanynyň saýlawlary möhletinden öň geçirmek meýli ýurtdaky syýasy ýagdaýlar we 2027-nji ýylyň ahyrynda geçiriljek saýlawlaryň täze hökümete döwlet býujetini tassyklamaga ýeterlik wagt galdyrmajakdygy baradaky aladalar bilen düşündirilýär. Şeýle hem hökümet Baştutany geljekde öz syýasy işinde raýat goldawynyň derejesini saklap galmaga aýratyn ähmiýet berýär.



# TÄZE KONSTITUSIÝA GÜÝJE GIRDI

Gazagystanda 1-nji iýuldan başlap, şu ýylyň 15-nji martynda geçirilen ählihalk salasalşykda kabul edilen täze Konstitusiýa güýje girdi. Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew täze Konstitusiýanyň güýje girmegi mynasybetli halka ýüzlenmesinde bu wakanyň özygtyýarly döwletiň taryhynda täze döwri alamatlandyrýandygyny, syýasy ulgamyň düýpli özgerdilmegine, döwlet we raýat jemgyýetiniň esasy institutlarynyň täzeçillik esasynda ösdürilmegine hem-de giň gerimli ykdysady özgertmelere badalga berjekdigini aýratyn belledi. Täze Konstitusiýa laýyklykda, ýurtda bir palataly parlamente geçilýär, wise-prezident wezipesi döredilýär hem-de Halk maslahatyna ýurduň ýokary maslahat beriji edarasy derejesi berilýär.



Täze Konstitusiýa laýyklykda, mundan beýläk Gazagystanyň Konstitusiýa güni her ýylyň 15-nji martynda belleniler. Ýurduň öňki Esasy Kanuny 1995-nji ýylda kabul edilipdi.

# BRÝUS LI GÜNI DÖREDILDI

Kaliforniýa ştatynda dünýä belli aktýor we söweş sungatynyň ussady Brýus Liniň hatyrasyna resmi taýdan ýörite gün döredildi. Ştatyň häkimi Gewin Nýusom tarapyndan gol çekilen täze karara laýyklykda, 17-nji maý «Brýus Li güni» hökmünde



yglan edildi. Bu waka Kaliforniýanyň taryhynda gelip çykyşy hytaýly bolan amerikan raýatynyň hormatyna şeýle derejedäki ýörite günüň bellenilmegini aňladýar.

Resmi saýtlaryň habar bermegine görä, 17-nji maýyň saýlanyp alynmagy tötänden däldir. Çünki 1959-njy ýylyň şol gününde 18 ýaşly Brýus Li çagalyk ýyllaryny geçiren Gonkongdan özüniň doglan ýeri bolan San-Fransisko şäherine dolanyp barýar. «Brýus Liniň gününi» teklip eden ştatyň Assambleýasynyň agzasy Mett Heýni hem-de aktýoryň gyzy, «Brýus Li gaznasynyň» ýolbaşçysy Şennon Li dagy bu kararyň dünýä medeniýetlerini birleşdiriji ähmiýetini aýratyn bellediler. Ştat häkimliginiň we jemgyýetçilik guramalarynyň guramagynda her ýylyň 17-nji maýynda dürli medeni çäreleriň, sergileriň we mekdeplerde ýörite sapaklaryň geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

1940-njy ýylyň 27-nji noýabrynda San-Fransiskoda hytaý operasy artistleriniň maşgalasynda dünýä inen Brýus Li dünýäniň iň täsirli şahsyýetleriniň biridir. Ol çagalygynda Gonkongda birnäçe filmde surata düşüp, kung-fu söweş sungatyny öwrenip başlaýar. 1959-njy ýylda ABŞ-a gaýdyp gelip, söweş sungatyny dowam etdirýär. 1960-njy ýyllarda Golliwudda işläp başlan we «Ýaşyl Şerşen» (The Green Hornet) teleserialynda Katonyň keşbini janlandyran aktýor, tankytlara we dürli ýazgarmalara garşy durmaly bolýar. Soňra ol ýene Gonkonga dolanyp, «Uly başlyk» (The Big Boss) we «Gazaply ýumruk» (Fist of Fury) ýaly filmlerde baş keşbi janlandyryp, dünýä derejesindäki meşhurlyga eýe bolýar. Sungat äleminiň ady rowaýata öwrülen gahrymany 1973-nji ýylyň 20-nji iýulynda 33 ýaşynda aradan çykýar. Onuň galdyran mirasy şu günki günde hem dünýäniň millionlarça türgenlerine we kino muşdaklaryna ylham bermegini dowam edýär.

# Syýahatçylyga isleg artýar

Ýewropanyň iri şäherleriniň çäginde amala aşyrylýan gysga möhletli we bir günlük syýahatçylyk ugurlarynyň meşhurlygy barha artýar. «TUI Musement» halkara syýahatçylyk gullugynyň bilermenleri tarapyndan internet gözleg ulgamlary-



nyň görkezijilerine esaslanyp geçirilen seljermelere görä, häzirki wagtda syýahatçylar sebitiň iri medeni merkezlerini diňe taryhy künjekleri görmek üçin däl-de, eýsem, ugurdaş taryhy ýadygärliklere, goraghanalara we dynç alyş zolaklaryna barmak üçin esasy binýat hökmünde ulanýarlar. Barlaglaryň netijesinde, bir günlük gezelençler üçin iň köp isleg bildirilýän şäherleriň sanawynda London, Pariž we Rim öňdebaryjy orunlary eýeledi.

Geçirilen barlaglar ilat sany 150 müňden geçýän Ýewropa şäherleriniň maddy we medeni mümkinçiliklerini özünde jemleýär. Hususan-da, Beýik Britaniýanyň paýtagty London şäheri taryhy Stounhenj we Bat ýadygärliklerine amala aşyrylýan ugurlar boýunça birinji orunda durýar. Şeýle hem Fransiýanyň paýtagty Pariž şäherinden Wersal köşgüne we Žiwerni künjegine, Rim şäherinden taryhy Pompei künjegine hem-de beýleki medeni zolaklara guralýan syýahatçylyk ugurlary ýokary islegden peýdalanýar. Hünärmenleriň bellemegine görä, döwrebap ulag-logistika düzümleriniň, aýratyn-da demir ýol gatnawlarynyň kämilleşdirilmegi halkara syýahatçylyk pudagynyň diwersifikasiýalaşdyrylmagyna hem-de sebitara medeni gatnaşyklaryň has-da işjeňleşmegine oňyn täsir edýär.



# TARYHY ÝADYGÄRLIKLERDE DÖWREBAP TEHNOLOGIÝALAR

**Dünýäniň taryhy-medeni mirasyny gorap saklamagyň we ekologiýa taýdan durnukly ösüşi üpjün etmegiň çäklerinde Italiýanyň «Pompei» arheologik goraghanasynda hem-de Portugaliýanyň Ewora şäherinde döwrebap we täzeçil taslamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Alnyp barylýan işleriň dowamynda taryhy binalaryň binagärlik aýratynlyklaryna zeper ýetirmän, gadymy üçek çerepisalarynyň görnüşinde ýasalan we daşyndan seredeniňde asla duýulmaýan döwrebap Gün panelleri gurnalýar. Bu täzeçil tehnologiýa taryhy binalary öz-özüni elektrik energiýasy bilen üpjün etmäge ukyply we ekologiýa taýdan arassa desgalara öwürmäge mümkinçilik berýär.**

**Italiýanyň meşhur «Pompei» arheologik goraghanasynyň çäginde ýerleşýän Antik döwre degişli Misteri willasynda gurnalan bu ulgam daşyndan seredeniňde adaty gadymy rim çerepisasy ýaly görünse-de, hakykatda üçegiň aşaky bölegi kiçi göwrümli fotoelektrik modullaryndan ybaratdyr. «Pompei» arheologik goraghanasynyň müdiri Gabriel Suhtrigeliň bellemegine görä, bu gurnama desgany yşyklandyrmak üçin zerur bolan elektrik energiýasynyň agramly bölegini öndürýär we geljekde degişli usuly meýdançanyň umumy elektrik torundan uzakda ýerleşýän beýleki künjeklerinde hem ulanmak meýilleşdirilýär.**

**Şeýle tejribe ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen Portugaliýanyň Ewora şäherinde hem giňden ulanylýar. Ewora şäher häkimliginiň üçeginde Ýewropa Bileleşiginiň «POCITYF» taslamasynyň çäklerinde Italiýanyň «Dyaqua» kärhanasy tarapyndan öndürilen ýörite çerepisalar ýerleşdirildi. Bu önümler ýarym dury epoksid şepbikli kompozit materialdan taýýarlanyp, içinde fotoelektrik elementleri gurnalýar we kuwwatlylygy 20 kWt-pik bolan elektrik energiýasyny berýär. Taslamanyň utgaşdyryjysy Nunu Bilunyň bellemegine görä, taryhy şäherler geçmişiň mirasyny goramak bilen bir hatarda, döwrüň esasy talaby bolan uglerod galyndylaryny azaltmak we durnukly ösüşi üpjün etmek ýaly wezipelere hem jogap bermelidir. Häzirki wagtda Niderlandlaryň Alkmar şäheri bilen bilelikde durmuşa geçirilýän bu innowasion taslamalaryň çäklerinde, taryhy künjeklerde fotoelektrik panelleri oturdylan aýna üçekleri we mekdepleriň howlularynda Gün energiýasyny öndürýän ýörite saýawanlary synagdan geçirmek işleri hem alnyp barylýar.**



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# Dünýä çempionatynda meşhurlyk gazanan Afrika ýurdy

**Şu günler hemmäniň ünsi Kabo-Werdä gönükdi. Sosial platformalarda Kabo-Werde barada gyzykly gürrüňler we habarlar ýaýraýar. Eýsem, Günbatar Afrikada ýerleşýän bu kiçijik ýurdy meşhur eden zat näme?!**





Kabo-Werdeni meşhur eden zat kiçijik ada ýurdunyň şu günler Demirgazyk Amerikada dowam edýän Dünýä Kubogyna gatnaşmagydyr. Ilkinji gezek futbolyň iň uly baýramçylygyna wekilçilik edýän bu kindiwanja ýurt garaşylyşyndan juda şowly oýun görkezdi. Toparçada ýeňlişsiz 2-nji orny eýeläp, 1/16 finala çykan we Argentina bilen duşuşan Kabo-Werdeniň ýygyndysy bu oýunda hem gol gowşuryp oturmady. Çekeleşikli geçen oýnuň esasy wagtynda argentinlerden ýeňilmedik Kabo-Werde goşmaça wagtda 3-2 hasabynda asgyn geldi. Ýöne muňa garamazdan, olar görkezen batyrgaý oýny bilen taraply-tarapsyz hemmäniň uly söýgüsini gazandy. Milli ýygyndynyň oýunçylary öz ýurduna baranlarynda olary halk köpçüliginiň müňlerçesi mähirli, edil Dünýä Kubogyny gazanan gahrymanlar deý, uly şatlyk-şowhun bilen garşy aldylar. Kabo-Werdeniň uly toparlardan esasy wagtda ýeňilmän, şowly çykyş etmeginde toparyň 40 ýaşyndaky derwezeçisi Wozinýanyň aýratyn orny bar. Onuň çempionatdan öň «Instagram»-daky yzarlaýjylarynyň sany 50 müňden köp däldi. Ýöne häzirki wagtda oňa ýazylanlaryň sany 20 milliona golaýlap, iň köp yzarlaýjysy bolan derwezeçileriň birine öwrüldi.

Köp adamyň Kabo-Werde barada Dünýä çempionatyndan öň bilýän bolmazlygy hem mümkin. Atlantik ummanyndaky 10 sany wulkan adasynda (Santu-Antan, San-Wisenti, Sent-Lýusiýa, San-Nikolas, Sal, Boa-Wişta, Maýu, Santýago, Fogo, Brawa) ýerleşýän Kabo-Werde Afrikanyň iň çet ýurtlarynyň biridir. Kabo-Werde arhipelagynyň Sent-Lýusiýa adasynda hemişelik ýaşaýjysy ýok. Galan 9 adada ilat ýaşaýar. Paýtagty Praýa bolan bu ýurduň tutýan meýdany 4 müň 33 inedördül kilometre barabar. Ýurduň iň köp ilatly we iň uly adasy Santýago bolup, gämi gatnawlarynyň esasy bölegi şu ýerden amala aşyrylýar. Santýago adasynda ýerleşýän Sidadi-Welýa şäheri (Köne şäher) ýurduň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen ýeke-täk sebitidir. Taryhy galalary we köne jaýlary bilen tapawutlanýan gadymy şäheriň merkezinde mermerden galdyrylan sütün bar. Bu sütün gadymy döwürlerde jeza bermek üçin ulanylypdyr.

Kabo-Werde köpçüligiň arasynda «Afrika bilen Ýewropanyň arasyndaky köpri» diýlip atlandyrylýar. Afrika materigindan 570 kilometr uzaklykdaky ada ýurdy salkyn howasy, ak çägesi we sýorfing hem-de daýwing ýaly suw sport görnüşleri bilen tanalýar. Deňizýaka dynç alyş merkezlerine we şypahanalara baý bolan kiçijik ýurtda syýahatçylyk esasy orny eýeleýär. Daş-töweregi wulkan daglary we ýaşyl jülgeler bilen gurşalan adalar syýahatçylarda ýatdan çykmajak täsir galdyrýar. Kabo-Werde syýahat etmek üçin iň asuda we rahat ýerleriň biri hasaplanýar. Santu-Antan, Boa-Wişta, Sal adalary ýurduň iň meşhur we owadan ýerleri hasaplanýar. Sal we Boa-Wişta adalary suwda ýüzmegi we kenarda dynç almagy halaýanlar üçin göm-gök suwy hem-de ak çägeli kenarlary bilen meşhurdyr. Dagda gezelenç etmek isleýänler bolsa Santu-Antan we Fogo adalaryna baryp, kert gaýalary we üsti çürelip duran dagy ýakyndan synlaýarlar. Ýurduň medeni paýtagty Mindelo şäheri bolup, janly aýdym-saz konsertleri we dürli reňkli taryhy binalary bilen görenleri haýran galdyrýar. Kabo-Werdeniň iň beýik nokady Piko-du-Fogo bolup, beýikligi 2 müň 829 metre ýetýär.

**Kabo-Werde 1460-njy ýylda portugaliýaly deňizçiler tarapyndan açylýar. 1462-nji ýylda ada ilkinji ýaşaýjylar göçüp barýar. 1975-nji ýylda garaşsyzlygyny yglan eden bu ýurtda afrikalylar bilen bir hatarda, ýewropalylar hem ýaşaýar. 600 müňden gowrak ilaty bolan ada ýurdunyň resmi dili portugalça bolup, ilatyň aglaba bölegi portugal dili bilen ýerli gepleşik diliniň garyndysy bolan kriolu dilini ulanýar.**





Ada ýurdunyň deňizýaka kenarlarynda deňiz pyşbagasy örän köp duş gelýär. Syýahatçylar iýul we sentýabr aýlary aralygynda deňiz pyşbagalarynyň köpelmek üçin kenara gelýän pursadyny ýakyndan synlap bilýärler. Mundan başga-da, arhipelagda uzyn gulakly ýarganata we gekkona (zemzene meňzeş süýreniji) duş gelmek bolýar.

Ýurduň gastronomiýasynda balyk, mekgejöwen we tüwi esasy orny eýeleýär. Ada ýurdunda balykçylyk we ekerançylyk ösen ulgamlar bolup, ýeralma, sogan, pomidor, kelem ösdürilip ýetişdirilýär. Banan we papaýa ýaly miweleri bolsa, ýylyň islendik möwsüminde tapyp bolýar. Ýurduň meşhur tagamy kaçupa bolup, mekgejöwen, noýba, balyk we et goşulyp taýýarlanylýar. Iň meşhur köçe tagamy bolsa pasteldir. Içine gök önümler, balyk ýa-da et salnyp, ýagda gowrulýan bu tagam ýarym Aý şekilli çapada meňzeýär.

Ada ýurdunda futbol bilen bir hatarda, sýorfing, windsýorfing, kaýtsýorfing, daýwing, balyk tutmak ýaly sport görnüşlerine aýratyn üns berilýär. Praýa şäherinde Kabo-Werde milli stadiony ýerleşýär. Bu stadionda gandbol ýaryşlary geçirilýär. Kabo-werdeliler «gök akulalar» lakamy bilen futbol ýaryşlaryna wekilçilik edýärler. Ýurduň futbol boýunça milli ýygyndysy 2013-nji, 2015-nji, 2021-nji, 2023-nji ýyllarda (4 gezek) Afrika Milletler Kubogyna gatnaşdy.

Tebigy täsinlik



# KANADANYŇ OWADAN ŞAGLAWUGY

Kanadanyň Britaniýa Kolumbiýasy sebitiniň Wells Greý seýilgähiniň çäginde Helmken şaglawugy ýerleşýär. Seýilgähe giren badyňa seni gowaga meňzeş dag gerşinden aşaklygyna akýan owadan şaglawuk garşy alýar. 141 metr belentlikden aşak inýän Helmken şaglawugy Kanadanyň iň beýik dördünji şaglawugy hasaplanýar. Murtle derýasynyň ugrunda ýerleşýän bu şaglawuk seýilgähiň iň meşhur ýerleriniň biridir. Bu derýada Helmken bilen birlikde ýene-de 6 şaglawuk (Maşboul, Douson, Majerus, Horsşu, Meadow, MakDugall) bar.



Alymlaryň bellemegine görä, Helmken şaglawugy 10 müň ýyl mundan ozal – soňky Buz döwründe emele gelipdir. Helmken şaglawugy tomsuna uly joşgun bilen akyp, daş-töweregindäki tokaýlyklar we gaýalar bilen bilelikde owadan gözelligi emele getirýär. Gyşyna buz konusyna öwrülýän bu şaglawugyň beýikligi 50 metre çenli kiçelýär. Şol sebäpli syýahatçylaryň köpüsi Wells Greý seýilgähine tomsuna barýarlar.

Wells Greý seýilgähinde şaglawuklary ýakyndan synlamak bilen bir hatarda, pyýada ýöremek, atly gezelenç etmek, suwda ýüzmek, lyžada typmak we buzda balyk tutmak ýaly güýmenjeler hödürlenilýär. Kanadanyň iň owadan kanýonynda ýerleşýän Helmken şaglawugyna gara ýol arkaly aňsatlyk bilen baryp bolýar.

# Futbol janköýerleri näme üçin şarf dakynýarlar?!

**Soňky ýyllarda futbol oýunlarynda şarf dakynmak ýörgünli däbe öwrüldi. Tomus ýa-da gyş aýlarydygyna garamazdan, futbol janköýerleriniň boýnunda dürli reňkli şarflary görmek bolýar. Janköýerleriň käbiri uzyn matany boýnundan asýan bolsa, käbiri egnine atýar, käbiri bolsa aýdym-sazyň owazyna howada galgadýar. Futbol oýnuna gatnaşanyňyzda ýa-da göni ýaýlymda syn eden wagtyňyz müňlerçe adamyň janköýerlik edýän futbol toparynyň şarfyny dakynyp, stadiona barýandygyny gören bolsaňyz gerek. Toparlar meýdança girende, milli sena ýaňlananda, gol geçirilende we tolgundyryjy pursatlarda tomaşaçylar şarflaryny ýokary göterip, täsirli gurşawy emele getirýärler. Eýsem, 100 ýyldan gowrak wagtdan bäri dowam edýän bu däbiň manysy näme?!**



Futbolyň Watany hasaplanýan Angliýada 1900-nji ýyllarda häzirkiler ýaly futbol toparlarynyň ýörite dükanlary, futbol egin-eşikleri we reňkli köýnekçeler bolmandyr. Stadionlary doldurýan janköýerleriň aglabasy işçiler bolup, iş eşiklerinde (gara we çal eginbaşlar) futbol oýunlaryna tomaşa etmäge barypdyrlar. Janköýerler Angliýada gyşyň aşa sowuk gelýändigi sebäpli, üşemezlik üçin ýüň şarflary dakynypdyrlar. Ilkibaşda adaty zat ýaly görnen ýüň şarflar wagtyň geçmegi bilen ýörite nyşana öwrülýär. Janköýerler öz toparlaryny alamatlandyrýan nyşanlary gözläp ugraýarlar. Şeýlelikde, olar öýünde klubyň reňkini görkezýän ýüň şarflary örüp başlaýarlar. Gelin-gyzlar tarapyndan elde örülen ilkinji janköýer şarflary çal we gara eşikli müňlerçe adamyň arasynda kimiň haýsy topary goldaýandygyny görkezýän ilkinji mahabat bolýar. Wagtyň geçmegi bilen dürli reňkli ýüň şarflar diňe gyşda däl, ýylyň islendik wagtynda hemme oýunlarda dakylyp başlanýar. 1970-nji ýyllarda dokma senagatynda «Men bu kluba degişli» diýen manyny aňladýan ýüň şarflaryň köpçülikleýin önümçiligine girişilýär. Dokma maşynynda örülen şarflar has aýdyň, ýeňil hem ýuka bolup, uzyn matalara futbol toparlarynyň ady, nyşanlary, meşhur oýunçylaryň atlary, klublaryň şygarlary ýerleşdirilip başlanýar.

Ilkibaşda sowukdan goranmak üçin dakylan janköýer şarflary tomaşaçy bilen futbol toparynyň arasyndaky baglanyşygy, wepalylygy, jemgyýetçilik duýgusyny we haýsy millete degişlidigini görkezýän nyşana öwrüldi. Häzirki wagtda futbol şarflarynyň çempionatlary, derbileri, Ýewropa kuboklaryny we finallary alamatlandyrýan dürli görnüşleri bar. Janköýer şarflary ýyllarboýy saklanyp, şahsy kolleksiýanyň bir bölegine öwrülýär. Hatda Ýewropa ýurtlarynda köne şarfy nesilden-nesle miras geçirmek däbi hem bar.

Ýakynda iňlis ägirdi «Mançester Siti» «Cisco» tehnologiýa kompaniýasy bilen hyzmatdaşlyk edip, «Baglanyşykly Şarf» taslamasyny işläp düzdi. Bu «akylly» şarflar ýörite biosensorlaryň kömegi bilen oýnuň dowamynda tomaşaçynyň tolgunma pursadyny, ýürek urşuny, beden temperaturasyny, stres derejesini we ş.m. bellige alýar.

# Dünýäniň iň uly myhmanhanasy

**Malaýziýadaky «First World» myhmanhanasy otaglarynyň sany boýunça dünýädäki iň uly myhmanhana hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. 7 müň 351 otagy bolan bu myhmanhanada kireýine alan otagyňy tapmak üçin 15 minut töweregi aýlanmaly bolýar. Birbada müňlerçe adamy kabul edip bilýän ägirt uly desga myhmanlara hödürleýän amatlyklary bilen daşyndan kiçiräk şähere meňzeýär.**

**Malaýziýanyň Genting daglyk sebitinde gurlan bu myhmanhana deňiz derejesinden 1 müň 500 metr belentlikde ýerleşýär. Arassa howaly myhmanhanany ilkinji gezek göreniňde, LEGO-nyň reňkli kubiklerinden düzüldimikä diýip pikir edýärsiň. Ýaşyl, gyzyl, sary, gök, mämişi, umuman, ähli reňki özünde jemleýän bu myhmanhana köp reňkliligi bilen tapawutlanýar. Dünýäniň älemgoşar myhmanhanasy hasaplanýan «First World» ilkinji gezek barýan myhmanlary haýran galdyrýar. Millionlarça uzyn zaly bolan myhmanhanadan otag sargyt eden myhmanlaryň öwrenişmegi üçin bir hepde töweregi wagt gerek bolýar.**

**«First World» myhmanhanasy sebitiň iň uly güýmenje merkezi bolan «Resorts World Genting» toplumynda ýerleşýär. Myhmanhanada galýan myhmanlar toplumyň içinde ýerleşýän söwda zolaklaryna baryp, restoranlarda naharlanyp, güýmenje merkezlerinde we tematik seýilgählerde wagtyny gyzykly geçirip bilýärler. Myhmanhanada ähli ýaşdaky adamlar üçin oňaýly şertler we amatlyklar göz öňünde tutulan. Myhmanlar bu ýerde otagyndan çykmazdan ähli zerur zadyny sargyt edip bilýärler.**

**Paýtagt şäher Kuala-Lumpurdan 50 kilometr demirgazykda, Pahang ştatynda ýerleşýän «First World» myhmanhanasy tomus paslynyň dowam edýändigine garamazdan, salkyn we çygly howasy bilen syýahatçylary özüne çekýär. Bu myhmanhanada ýerli we daşary ýurtly syýahatçylar özüni edil Ýewropada ýaly duýup, dynç alyp bilýärler.**

**2006-njy ýylda 6 müň 118 otag bilen açylan «First World» myhmanhanasy 2015-nji ýylda 1 müň 233 otagyň goşulmagy netijesinde has giňeldildi. Şeýlelikde, otaglarynyň sany 7 müň 351-e ýeten bu bina «dünýäniň birinji myhmanhanasyna» öwrüldi. 3 ýyldyzly bu desgada 3 müň 164 sany adaty otag, 2 müň 922 sany lýuks otag, 649 sany üç orunlyk lýuks otag, 480 sany ýokary derejeli lýuks otag, şeýle hem 136 sany «World Club» otagy bar.**



# Oba hojalygynyň «Teslasy»

ABŞ-nyň «Monarch Tractor» oba hojalyk tehnologiýalary kompaniýasy tarapyndan işlenip düzülen «Monarch Tractor MK-V» traktory dünýäde ilkinji «akylly» traktor hasaplanýar. 70 at güýjüne eýe bolan bu traktor doly ýagdaýda elektrik energiýasy bilen hereket edýär. Elektrotraktor ekinleri skanirlemek üçin emeli aň (EA) bilen hereket edýän 360 gradusluk kameralara eýedir. Oba hojalygynyň «Teslasy» diýlip atlandyrylan kiçijik traktor ekerançylyk ýerlerinde, üzüm meýdanlarynda, fermalarda we önümçilik zawodlarynda ulanylýar. Agramy 2 müň 600 kilograma barabar bolan 4 tigirli traktoryň ýük çekijiligi 2 müň 500 kilograma, ýük göterijiligi 997 kilograma deň. Kaliforniýa ştatynyň Liwermor şäherindäki «Monarch Tractor» önümçilik kärhanasynda işlenip taýýarlanan «akylly» traktor ýadynda 240 GB-a çenli täze maglumatlary ýygnaýar. Bu traktor sürüjisiz, özbaşdak hereket edip, programmada bellenilen işleri ýerine ýetirip bilýär. «Monarch Tractor MK-V» traktory ekiniň içinde işläp ýörkä howanyň ýagdaýy, ekiniň ösüşi, suw ýa-da dökün zerurlygy, hasyllylygy, keseli we ş.m. barada maglumatlary toplaýar. Ekin ýeriniň eýesi oturan ýerinde smartfon ýa-da kompýuter arkaly traktora baglanyp, ekerançylyk ýeri, ekiniň hasyl getirişi baradaky ähli maglumatlar bilen tanşyp bilýär.



# Saglyga peýdaly bakja önümi

Tomus paslynyň gelmegi bilen ak bazarlaryň bezegine öwrülen garpyz jana şypaly bakja önümleriniň biridir. Dünýäde 1 müň 200-den gowrak görnüşi bolan garpyzyň ata Watany Afrika hasaplanýar. 96-dan gowrak ýurtda ösdürilip ýetişdirilýän garpyzyň suwsuzlygy gandyrmakdan başlap, saglyk üçin birnäçe peýdasy bar. 90 göterimden gowragy suwdan ybarat bolan bu bakja önüminiň düzüminde A, C, B6 witaminleri, natriý, kaliý, belok, şeker we uglewodlar saklanýar.

☑ Garpyz ýürek-damar ulgamynyň işini sazlamak bilen, myşsalardaky agyryny azaltmaga, bedeniň agramyny kadaly derejede saklamaga, iýmiti ýeňil siňdirmäge we Gün şöhlesinden derini goramaga ýardam edýär. Howanyň yssy günlerinde ýeterlik derejede garpyz iýlende beden üçin zerur bolan suwuklygyň öwezini dolup bolýar.

☑ Garpyz howanyň yssy günlerinde bedeniň gyzgynlygyny sazlap, bogunlaryň, myşsalaryň we oňurga ýiliginiň goraglylygyny üpjün edýär. Şeýle hem bu bakja önüminiň bedendäki artykmaç galyndylary (duz, daş bölekleri, mineral çökündiler) aýyrmakda uly peýdasy bar.

☑ Garpyzyň gabygynyň agymtyl bölegindäki tebigy maddanyň gan aýlanyşyny gowulandyryp, damarlaryň rahatlanmagyna we gan basyşynyň kadaly derejede saklanmagyna oňaýly täsir edýändigi ýüze çykaryldy.



☑ Bilermenler artykmaç agramdan dynmak isleýänlere garpyz iýmegi maslahat berýärler. Süýjiniň deregine garpyz iýlende bedene zerur bolan glýukozany tebigy usulda alyp bolýar. ABŞ-da geçirilen barlaglarda aşa semiz adamlara 4 hepdäniň dowamynda ýeňil naharlar bilen bilelikde her gün iki bulgur garpyz şiresi berildi. Barlaga gatnaşyjylar iki topara bölünip, birinji topara degişli adamlar adaty durmuş ýörelgesini dowam etdirdiler. Ikinji topardakylara ýagly we süýji iýmitleri iýmek gadagan edildi hem-de iýmit sanawyna garpyz goşuldy. Barlagyň netijesinde garpyz iýen topardakylaryň çalt horlanandygy, biliniň kadaly derejä gelendigi, böwrek ýetmezçiligi we gan basyşy bilen bagly meseleleriň aradan aýrylandygy ýüze çykaryldy.

☑ Garpyzyň düzüminde ýokary derejede süýüm we prebiotikler (içege üçin peýdaly maddalar) saklanýar. Bu bolsa içegeleriň işini ýeňilleşdirip, iýmit siňdirişe ýardam edýän bakteriýalaryň ösmegine we işjeňleşmegine itergi berýär.

☑ Tomus paslynda Gün şöhlesiniň zyýanly täsirinden goranmak üçin ýeterlik derejede garpyz iýmeli. Garpyzyň düzümindäki A, B we C witaminleri, kaliý, magniý we antioksidantlar deriniň juwan we çeýe saklanmagyna ýardam edýär.



**NÄÇE MUKDARDA GARPYZ IÝMELI?**

Garpyzyň gündelik iýilmeli mukdary adamyň ýaşyna we saglyk ýagdaýyna görä üýtgeýär. Her gün ýarym pelle garpyz iýmek kadaly ölçeg hasaplanýar. Miwe allergiýasy we süýjüli diabeti bolan adamlara garpyz iýmek maslahat berilmeýär.



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# Ummanlaryň Güneş balygy




Dünýäde balyklaryň umumy 35 müň görnüşi duş gelip, ummanlarda 18 müň görnüşi ýaşaýar. Täsinliklere baý suwasty dünýäsinde içi görnüp duran aýnabalyga, top ýaly çişik zäherli balyga, ýüzgüçleri bilen ýöreýän balyga, älemgoşar balygyna, reňkini üýtgedip bilýän balyklara duş gelmek bolýar.

Täsin balyklaryň hatarynda «Güneş balygy» ady bilen tanalýan tegelek balygy hem görkezmek bolar. Ylmy ady «Mola mola» bolan bu balyk 1758-nji ýylda ylmy taýdan hasaba alynýar. Güne meňzeş tegelek balygyň bedeniniň diametri 3-4 metre, agramy bolsa 2,5 tonna ýetýär. Hünärmenleriň bellemegine görä, «mola» sözi latyn dilindäki «degirmen daşy» sözünden gelip çykyp, äpet balygyň tegelek görnüşini aňladýar. Güneş balygyny ilkinji gezek göreniňde bedeniniň ýarysy ýok ýaly görünýär. Geň tarapy, bu balyklar tüwi dänesi ýaly ululykdan (2-3 millimetr) 60 million esse ulalyp, äpet balyga öwrülýär. Güneş balygy adama zyýansyz hasaplanýar.

Tegelek balyk «Molidae» maşgalasyna degişli bolup, dünýädäki iň uly süňkli balyklaryň biri hasaplanýar. Balygyň bu görnüşi özboluşly beden gurluşy we äpet göwresi bilen asyrlaryň dowamynda adamlarda uly gyzyklanma döredip gelýär. Aziýadaky, Afrikadaky we Awstraliýadaky tropik hem-de mylaýym deňizlerde ýaşaýan Güneş balygynyň guýruk ýüzgüji düýbünden ýok. Ýasy balygyň arkasy aýlaw görnüşinde bolup, ýokarky we aşaky ýüzgüçleri bar. Kiçijik agzy bilen tapawutlanýan bu balyk örän haýal ýüzýär. Güneş balygy, esasan, suwuň 10 metre çenli ýüzünde gezýär. Şol sebäpli köpler bu äpet balykdan akuladyr öýdüp gorkýarlar. Käwagt bolsa bu balyklar deňziň müň metre çenli çuňlugyna çümýärler. Güneş balygy meduza, leňňeç şekilliler we ownuk balyklar bilen iýmitlenýär.

Güneş balyklary iň köp işbil taşlaýan suw jandarydygyna garamazdan, örän haýal köpelýärler. Munuň sebäbi bolsa, olaryň haýal ýüzýändigi, gämilere gelip urlup, heläk bolýandygy we ýyrtyjy balyklar tarapyndan awlanýandygy bilen düşündirilýär. Güneş balygy 300 milliona çenli işbil taşlaýar. Ýöne şol işbilleriň diňe 100-den gowragy ulalyp, kemala gelýär. Etiniň tagamsyzdygy we ýaramaz ysly bolandygy sebäpli, äpet tegelek balyklar täjirçilik maksady üçin peýdalanylmaýar.

Güneş balygynyň 15 santimetre çenli galyň derisi bolup, ol kaşalotdan soň iň galyň derili jandar hasaplanýar. Bu balygyň derisinde 50 dürli mikroorganizmleriň ýaşaýandygy sebäpli, gijesine ýalpyldap görünýär. Esasan, ýekelikde duş gelýän agymtyl-mämişi balyklar 25-30 ýyla çenli ýaşaýar. Güneş balygy Tebigaty we tebigy baýlyklary goramak boýunça halkara bileleşigi (IUCN) tarapyndan sany azalyp barýan jandarlaryň sanawyna girizildi.

## 10 tapawudy tapyň!



## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!




# Ýyldyzly çäge gördüňizmi?!



Deňiz kenarlary owadan tebigaty bilen bir hatarda, täsinliklere baýdygy bilen hem tapawutlanýar. Kenarýakada gezelenç edilýän wagty balykgulakdyr midiýalaryň we käbir deňiz jandarlarynyň gabygynyň çäge bilen garyşan toplumyna duş gelmek bolýar. Deňiz jandarlarynyň çägä garyşan gabyklary tebigatyň gözelligini artdyryp, ýatdan çykmajak duýgulary döredýär. Şeýle tebigy gözellikleriň biri hem deňiz ýyldyzjyklarydyr.

Deňiz kenarynda çägä garyşýan kiçijik ýyldyzlar «Baclogypsina sphaerulata» diýlip atlandyrylýan bir öýjükli protozoanyň önümidir. Protozoa gabygyny çalyşýan möwsüminde deňizde müňlerçe ýyldyzly gabyk toplanýar. Deňiz ýyldyzjyklary tolkunlaryň kenara getirip çykarmagy bilen çägä garyşýar. Şeýlelikde, ýyldyzly çäge emele gelýär. Möwsümleýin bolup geçýän bu hadysa Ýer ýüzüniň käbir ýerinde duş gelýär. Ýaponiýanyň Okinawa, Hatoma, Iriomote we Taketomi adalarynyň kenarlarynda güýçli tupandan soňra deňiz ýyldyzjyklary peýda bolýar.



# KIWANO – tikenli gawun

Afrikanyň Kalahari çölünde gawuna meňzeş täsin miwe ösdürilip ýetişdirilýär. Halk arasynda «şahly gawun» ady bilen tanalýan bu miwäniň daşky görnüşi edil gawun ýaly sarymtyl-mämişi bolup, paçagynda tikenleri bar. Adamlar tikenli gawuny kesenlerinde edil zümerret daşy ýaly ýaşylymtyl žele meňzeş etli bölegini görüp, geň galýarlar.



Afrikada ösdürilip ýetişdirilýän täsin miweleriň biri bolan kiwano başgaça «Afrika hyýary» hem diýilýär. «Cucurbitaceae» (kädiler) maşgalasyna degişli ekzotik miwe hyýara meňzeş çyrmaşyk baldakda bitýär. Ululygy 12 santimetre, agramy 300 grama ýetýän bu miwäniň tagamy banany, kiwini we hyýary ýadyňa salýar. Hyýaryňky ýaly ýaşyl çigitleri bolan kiwano saglyk üçin peýdaly miweleriň biridir.



Tikenli gawun ýylyň islendik möwsüminde elýeterlidir. Sebäbi «şahly gawunlar» Afrikanyň iki ýarymşarynda-da ösdürilip ýetişdirilýär we bütin dünýä eksport edilýär. Afrika gawunlary marketlerde «Melano», «Fruto del Paraiso» we «Cuke-a-saurus» atlary bilen satylýar.

Kiwano terligine iýilmek bilen bir hatarda, işdäaçarlara, suwuk naharlara, doňdurma we miwe içgilerine goşulýar. Afrika gawunyny iýmek üçin, ilki bilen, daşyny mazaly ýuwmaly we tikenlerini kesip aýyrmaly. Soňra iki bölege bölüp, dilimläp ýa-da çemçeläp iýmeli. Ýewropa we Aziýa ýurtlarynda kiwano eti çalt bişirmekde, suşi taýýarlamakda ulanylýar.

80 göterimi suwdan ybarat bolan bu miwe 1930-njy ýyllarda Afrikadan Täze Zelandiýa hem-de Awstraliýa getirilýär. Häzirki wagtda kiwano önümçiliginde Afrika, Awstraliýa we Ýuwaş ummanynyň kenaryndaky ýurtlar öňdeligi eýeleýär.

## Labirint



## Gyzykly pursat



## 24-nji SKANWORD



## 33-nji KROSSWORD



**DIKLIGINE:** **1.** Aziýada bir döwlet. **2.** Kellesine tomaga geýdirilen. **3.** Göni bolmadyk. **5.** Ykdysady adalga köpeldiji we artdyryjy täsir. **6.** Ýer şarynyň ekwator çyzygynyň boýunda ýerleşýän howa gurşawy. **7.** Daşary ýurt adam ady. **8.** Howa şarynyň ylmy ady. **10.** Elektrik toguny ýa-da toguň güýjüni kiçeltmek ýa-da ulaltmak üçin ulanylýan elektrik enjamy. **15.** Dünýäniň iň uly dördünji adasy. **16.** Dogry, çyn. **21.** Töweregiň merkezini onuň gyrasy bilen birleşdirýän göni çyzyk. **22.** Garagumda bitýän, guraklyga çydamly ösümlik. **23.** Bir bitewi ulgamy emele getirýän elementleriň jemi. **24.** Ýigrimi kilograma barabar bolan agyrlyk ölçegi. **28.** Müşk, anbar.

**KESELIGINE:** **1.** Ýady güýçli, huşly adam. **4.** Imperator tarapyndan dolandyrylýan ägirt uly döwlet. **9.** Merkezi Aziýadaky beýik dag ulgamy. **10.** Telewizion gepleşikleri alyp eşitdirýän ekranly enjam. **11.** Nesýä goýman berilýän pul. **12.** Hindi zenanlarynyň milli geýimi. **13.** Çenli, deňiç. **14.** ...-kok. **17.** Pişikler maşgalasyna degişli uly ýyrtyjy jandar. **18.** Güýçli zarba sebäpli titremek. **19.** Meşhur meksika tagamy. **20.** Agyr ýük göteriji gurluşyk enjamy. **25.** Belli bir maksatsyz gezip ýören adam, sergezdan. **26.** «Ýer teýinde ýatan ..., şol öküziň gaşyndadyr» (Magtymguly Pyragy). **27.** Ördegiň bir görnüşi. **29.** Enjamlaryň işleýiş ýagdaýyny we belli bir fiziki ululygy görkezýän gural. **30.** Görelde, terbiýe. **31.** Meksikanyň milli başgaby. **32.** Ýurdumyzdaky şypahanalaryň biri.

31-nji krosswordyň jogaby:



32-nji krosswordyň jogaby:



23-nji skanwordyň jogaby:



# Hem Ýewropanyň, hem-de Dünýäniň çempionyndan esasy wagtda ýeňilmedi







**Çempionlykdan soň pleý-offdaky ilkinji ýeňiş**

● Çempionlygyň esasy dalaşgärlerinden Ispaniýanyň ýygyndysyna 1/16 finalda Awstriýanyň ýygyndysyny ýeňmek kyn düşmedi. 3–0 hasabynda üstün çykan ispanlaryň gollarynyň 2-sini Mikel Oýarzabal geçirip, ol 36-njy hem-de 89-njy minutlarda tapawutlandy. Onuň şu çempionatdaky gollarynyň sany 4-e ýetdi. Matadorlaryň beýleki goluny bolsa 66-njy minutda Pedro Porro öz adyna ýazdyrdy. Ispaniýanyň ýygyndysy çempionlykdan soň pleý-off tapgyrynda ilkinji gezek ýeňiş gazandy. 2010-njy ýylda çempion bolan Ispaniýanyň ýygyndysy 2014-nji ýylda toparçadan çykyp bilmändi. 2018-nji ýylda Russiýadan, 2022-nji ýylda-da Marokkodan 11 metrlik urgularyň netijesinde utulypdy.

Ispaniýanyň ýygyndysynyň derwezeçisi Unaý Simon bu duşuşygy hasaba alanyňda, şu çempionatda 519 minutlap gol geçirtmedi we italiýaly Walter Zenganyň 517 minutlyk rekordyny täzeledi.

**Pleý-off tapgyryndaky ilkinji goly**

● Toronto şäherinde Portugaliýa bilen Horwatiýanyň ýygyndylary duşuşyp, oýnuň 1-nji ýarymy golsuz tamamlandy. 2-nji ýarymyň başlarynda, has takygy, 53-nji minutda Horwatiýanyň ýygyndysy Iwan Perişiçiň goly bilen 1–0 hasabynda öňe saýlandy. Bu gola portugallar 68-nji minutda jogap berdi. Norwegiýaly emin Espen Eskasyň bellän 11 metrlik jerime urgusyny dürs uran Kristiano Ronaldo hasaby deňledi. Ronaldo bu goly geçirmek bilen täze rekordyň eýesi boldy. Bu onuň Dünýä Kubogynyň pleý-off duşuşyklarynda geçiren ilkinji goly hökmünde hasaba alyndy. Umumylykda, Dünýä Kubogynyň çäginde 11-nji gezek tapawutlanan Ronaldo pleý-offda oýnan hem-de gol geçiren iň ýaşuly futbolçy bolmagy başardy (41 ýaş 148 gün). Ronaldo bu ugurda watandaşy Pepeniň 2022-nji ýyldaky rekordyny täzeledi (39 ýaş 283 gün). Oýnuň 81-nji minutynda ornuny Ruben Neweşe goýan Ronaldo Dünýä Kubogynda ilkinji gezek çalşyryldy.

Duşuşygyň emini oýnuň soňuna 10 minut goşdy. 62-nji minutda meýdança giren Gonsalu Ramuş 90+4-nji minutda Rafael Leaonyň ajaýyp pasynda topy kelle urgusy bilen derweзä girizip, portugallary öňe saýlady. Horwatlar bu gola 90+13-nji minutda jogap berselerem, VAR-daky seljermelerden soň gol ofsaýt sebäpli hasaba alynmady.

Şweýsariýa bilen Alžiriň ýygyndylarynyň duşuşygynda Ýewropa yklymynyň wekili 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Gollary 10-njy minutda Bril Embolo bilen 46-njy minutda Dan Ndoýe geçirdi. Şeýlelikde, Şweýsariýanyň ýygyndysy bassyr 4-nji, umumylykda-da 9-njy gezek 1/8 finala adyny ýazdyrdy. Şol bir wagtyň özünde bu Şweýsariýanyň 1938-nji ýyldan bäri, ýagny 88 ýyldan soň pleý-off tapgyrlaryndaky ilkinji ýeňşi diýlip hasaba alyndy. Mundan öň 1938-nji ýylda 1/8 finalda Germaniýa bilen duşuşyp, 1-nji duşuşyk deňlikde tamamlanypdy. Şol döwürki düzgünlere laýyklykda duşuşyk gaýtadan oýnalypdy we Şweýsariýa 4–2 hasabynda ýeňip, çärýek finala çykypdy.

● Dallasdaky «AT&T Stadium»-da Awstraliýa bilen Müsüriň arasynda çekeleşikli geçen oýnuň esasy wagtynda ýeňiş gazanan bolmady we ýeňiji 11 metrlik urgulary arkaly kesgitlendi. Oýnuň 13-nji minutynda Emam Aşur tapawutlanyp, müsürlileri öňe geçirdi. Bu onuň şu çempionatdaky 2-nji goly boldy. Wagtal-wagtal hüjüm eden Awstraliýanyň ýygyndysy standart urgulary arkaly howply pursatlary döretdi. Şolaryň birinde, has takygy, 55-nji minutda jerime meýdançasynyň içine geçirilen topy ýalňyşlyk bilen Mohamed Hani öz derwezesine girizdi. Bu gol hem onuň çempionatda öz derwezesinden geçiren 2-nji topy hökmünde hasaby alyndy. Ol bir çempionatda öz derwezesinden 2 gol geçiren ilkinji futbolçy boldy. Oýnuň esasy wagty 1–1 deňlikde tamamlanyp, edil duşuşygyň ahyrlarynda bolşy ýaly, goşmaça wagtda Müsüriň ýygyndysy has köp howply hüjümleri geçirdi. Ýöne her gezekde-de derwezeçini ýa-da goragçylary geçmek başartmady. Esasanam Mohamed Salahyň urgulary, jerime meýdançanyň içine geçiren toplary uly howp döretdi. Netijede, goşmaça wagtda hasap üýtgemedi we 11 metrlik urgularda Awstraliýadan Suttaryň urgusy ýokary gitdi. Müsürlileriň yzly-yzyna 3 urgusy şowly boldy. 4-nji urgularda Awstraliýadan 18 ýaşly Herringtonyň ýerine ýetiren urgusy sütüne degdi. Müsürde 4-nji urgy üçin ak nokadyň ýanyna baran Abdelmajid hem ýalňyşlyga ýol bermedi. Şeýlelikde, 11 metrlik urgularynda 4–2 üstün çykan Müsüriň ýygyndysy 4-nji sapar gatnaşýan ýaryşynda ilkinji sapar 1/8 finala çykdy.

**Kabo Werde soňky çempion Argentina iş berdi**

● Ilkinji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşýan Kabo Werdeniň ýygyndysy taryhy, garaşylmadyk ýeňşiň bosagasyndan gaýtdy. 1/16 finalda soňky çempion Argentina bilen duşuşan Kabo Werde güýçli garşydaşyna iş berdi. Tangoçylara debýutanty ýeňmek ýeňil düşmedi. Duşuşygyň 29-njy minutynda Lionel Messi hasaby owadan gol bilen açdy. Bu onuň şu çempionatdaky 7-nji, umumylykda-da Dünýä Kubogyndaky 20-nji goly boldy. Messi Dünýä Kubogynda bassyr 8 duşuşykda gol geçiren ilkinji futbolçy bolmagy başardy. Oýnuň 2-nji ýarymyna yzygiderli hüjümler bilen başlan Kabo Werdeniň ýygyndysy 59-njy minutda doganlar Duarteleriň ulusy Deroý Duarteniň goly esasynda hasaby deňledi. Kabo Werdeniň 40 ýaşyndaky derwezeçisi Wozinýa öňki oýunlarda bolşy ýaly, 8 seýw bilen ýene-de erjellik görkezdi. Duşuşygyň esasy wagty 1–1 deňlikde gutardy. Goşmaça 30 minutyň ilkinji pursatlarynda, ýagny 92-nji minutda Lisandro Lopes argentinleri öňe geçirdi. Bu gola afrikalylar diýseň ajaýyp gol bilen jogap berdi. 103-nji minutda jerime meýdançasynyň uzak burçundan topy aýlap derweзä gönükdiren Sidni Lopes Kabral hasaby deňledi. Oýnuň 111-nji minutynda Messiniň burçdan ýerine ýetiren urgusynda top ilki Romero, soňra Kabo Werdeniň oýunçysy Sançes Boržes Dineýe degip, tora girdi. FIFA bu goly awtogol hökmünde hasaba aldy.

Galan minutlarda Kabo Werdeniň oýunçylary hasaby deňlemek üçin ýiti göreş alyp bardylar. Ýöne bu gezek 3-nji goly geçirmek başartmady. Şeýlelikde, ilkinji gezek gatnaşýandygyna garamazdan, Kabo Werdeniň ýygyndysy Ýewropanyň çempionyndan soň, Dünýä çempiony Argentinadan hem esasy wagtda utulmady.

Kolumbiýanyň ýygyndysy Kansas Sitidäki «Arrowhead Stadium»-da Gananyň milli topary bilen duşuşdy. Oýun çekeleşikli ýagdaýda geçip, latyn amerikalylar 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykdaky ýeke-täk goly 14-njii minutda Jon Arias geçirdi. Galan minutlarda ganalylara hasaby deňlemek başartmady. Şunlukda, 1–0 hasabynda ýeňiş gazanan Kolumbiýanyň ýygyndysy taryhynda 4-nji gezek 1/8 finala çykdy.

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/16 FINAL

**ISPANIÝA — AWSTRIÝA: 3–0**

**ISPANIÝA (4–3–3):** Unaý Simon — Pedro Porro, Pau Kubarsi, Emerik Laport (Mark Pubill 90+3), Mark Kukurelýa — Rodri (k), Dani Olmo (Mikel Merino 71), Pedri (Fabian Ruiz 90+3) — Lamin Ýamal (Gawi 85), Mikel Oýarzabal, Aleks Baena (Ferran Torres 71); ***Tälimçi:*** Luis de la Fuente

**AWSTRIÝA (4–2–3–1):** A. Şlager — Poş (Prass 85), Danso, Dawid Alaba (k), Laimer — Seiwald (Grillitç 46), Ksawer Şlager (Çukwuemeka 46) — Şmid (Kalaýdžiç 60), Wanner, Sabitzer — Gregoritç (Arnautowiç 60); ***Tälimçi:*** Ralf Rangnik

**GOL:** Mikel Oýarzabal 36, 89, Pedro Porro 66
**SARY KART:** Poş (Awstriýa)
**STADION:** SoFi Stadium (Los Anjeles)
**TOMAŞAÇY:** 70 492
**EMIN:** Glenn Nýuberg (Şwesiýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Lamin Ýamal (Ispaniýa)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/16 FINAL

**PORTUGALIÝA – HORWATIÝA: 2-1**

**PORTUGALIÝA (4-2-3-1):** Diogo Koşta — Žoao Kanselo (Nelson Semedo 62), Ruben Diaş, Weiga, Nunu Mendeş — Žoao Neweş, Witinýa (Bernardo Silwa 62) – Pedro Netu (Konseýsau 62), Bruno Fernandeş (Gonsalu Ramuş 62), Rafael Leao — Kristiano Ronaldo (k) (Ruben Neweş 81); ***Tälimçi:*** Roberto Martines

**HORWATIÝA (4-2-3-1):** Liwakowiç — Stanişiç, Şutalo, Pongraçiç, Perişiç — Luka Modriç (k), Kowaçiç (Kramariç 90+6) — Wlaşiç (Gwardiol 90+2), Petar Suçiç, Baturina (Mario Paşaliç 68) — Budimir (Matanowiç 46); ***Tälimçi:*** Zlatko Daliç

**GOL:** Kristiano Ronaldo 68 (p), Ramuş 90+4 — Perişiç 53
**SARY KART:** Diaş — Perişiç, Modriç
**STADION:** BMO Field (Toronto)
**TOMAŞAÇY:** 43 036
**EMIN:** Espen Eskas (Norwegiýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Kristiano Ronaldo (Portugaliýa)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/16 FINAL

**ŞWEÝSARIÝA – ALŽIR: 2-0**

**ŞWEÝSARIÝA (4-2-3-1):** Kobel — Zakariýa (Widmer 87), Elwedi, Akanži, Rodriges — Froýler, Džaka (k) — Ndoýe (Ebişer 87), Manzambi (Rider 70), Wargas (Okafor 70) — Embolo (Amduni 82); ***Tälimçi:*** Murat Ýakin

**ALŽIR (4-3-3):** Luka Zidan — Belhali (Bulbina 82), Mandi, Bensebaini, Ait-Nuri — Bentaleb (Budaui 71), Zerruki (Hadžam 58), Çaibi — Mahrez (k) (Hadž Mussa 71), Maza, Auar (Amine Guiri 58); ***Tälimçi:*** Wladimir Petkowiç

**GOL:** Bril Embolo 10, Dan Ndoýe 46
**SARY KART:** Çaibi, Budaui (Alžir)
**STADION:** BC Place (Wankuwer)
**TOMAŞAÇY:** 52 497
**EMIN:** Ýael Falkon (Argentina)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Bril Embolo (Şweýsariýa)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/16 FINAL

**AWSTRALIÝA — MÜSÜR: 1–1, 2–4 (p)**

**AWSTRALIÝA (3-4-3):** Biç (Matýuw Raýan 119) — Çirkati, Harri Suttar (k), Herrington — Bos (Trewin 46), Irwin, O'Neill (Okon-Engslter 91), Aziz Behiç — Wolpato (Mohamed Ture 74), Irankunda (Hrustiç 74), Matkalf (Mabil 91); ***Tälimçi:*** Toni Popowiç

**MÜSÜR (4–4–2):** Şobeir — Mohamed Hani, Ibrahim, Rabia, Hafez (Trezege 80) — Emam Aşur, Hamdi Fathi (Abdelmajid 67), Attia (Saber 120+1), Ziko (Hassan 67) — Mohamed Salah (k), Omar Marmuş (Abdelkarim 106); ***Tälimçi:*** Hossam Hassan

**GOL:** Mohamed Hani 55 (ö.d.) — Emam Aşur 13
**PEN:** Irwin, Mabil (Suttar, Herrington) — Saber, Rabia, Salah, Abdelmajid
**SARY KART:** Ibrahim, Hassan (Müsür)
**STADION:** AT&T Stadium (Dallas)
**TOMAŞAÇY:** 70 244
**EMIN:** Gustawo Tehera (Urugwaý)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Mohamed Salah (Müsür)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/16 FINAL

**ARGENTINA — KABO WERDE: 3–2 (g.w.)**

**ARGENTINA (4–4–2):** Martines — Molina (Montiel 104), Romero, Lis. Matines, Medina (Taliafiko 85) — De Paul (Paredes 84), Mak Allister, Enzo Fernandes, Almada (Niko Gonzales 63) — Lionel Messi (k), Lautara Martines (H. Alwares 63); ***Tälimçi:*** Lionel Skaloni

**KABO WERDE (4–1–4–1):** Wozinýa — Moreira, Piko, Dineý, Lopes Kabral — Kewin Pina (Ýannik Semedo 100) — Raýan Mendes (k) (Willi Semedo 80), L. Duarte (Monteiro 67), D. Duarte (Bençimol 100), Kabral (Warela 80) — Da Kosta (Liwramento 67); ***Tälimçi:*** Bubista

**GOL:** Messi 29, Lis. Martines 92, Dineý 111 (ö.d.) — D. Duarte 59, Lopes Kabral 103
**SARY KART:** Montiel – Pina
**STADION:** Hard Rock Stadium (Maýami)
**TOMAŞAÇY:** 64 478
**EMIN:** Drýuw Fişer (Kanada)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Lionel Messi (Argentina)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/16 FINAL

**KOLUMBIÝA — GANA: 1–0**

**KOLUMBIÝA (4–3–3):** Wargas — Munýos, Sançes, Lukumi, Mohika — Lerma, Puerta, Jon Arias (Kintero 72) — Hames Rodriges (k) (Riçard Rios 46), Jon Kordoba (Luis Suares 8), Luis Diaz (Kampaz 90); ***Tälimçi:*** Nestor Lorenzo

**GANA (4–3–3):** Ati-Zigi — Seneýa (Seidu 13), Lukassen, Opoku, Mensah — Parti, Ýirenkýi (Prins Adu 79), Kwasi Sibo (Owusu 72) — Inýaki Williams (Fatawu 62), Jordan Aýew (k) (Nuamah 79), Antuan Semenýo; ***Tälimçi:*** Karluş Keýruş

**GOL:** Jon Arias 14
**SARY KART:** Arias, Rios — Ýirenkýi, Seidu, Fatawu
**STADION:** Arrowhead Stadium (Kansas Siti)
**TOMAŞAÇY:** 69 045
**EMIN:** Kleman Turpen (Fransiýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Luis Diaz (Kolumbiýa)



## 52 ýyldan soň 7 gol geçiren ilkinji futbolçy

**Dünýä Kubogyna 28 ýyldan soň 4-nji gezek gatnaşýan Norwegiýanyň ýygyndysy ilkinji sapar çärýek finala çykdy. 1/8 finalda ähli Dünýä Kubogyna gatnaşan ýeke-täk ýygyndy bolan Braziliýany Erling Holannyň gollary bilen 2-1 hasabynda ýeňen Norwegiýanyň 21-nji iýulda 26 ýaşyna gadam basjak ýyldyz oýunçysy Erling Hollan Dünýä Kubogynda gol geçirmegini dowam edýär. 7 gola ýeten ýyldyz hüjümçi toparçada Yrakdyr Senegalyň hersiniň derwezesinden 2, 1/16 finalda-da Kot-d'Iwuaryň torundan 1 gol geçirdi.**



**Şeýlelikde, Erling Holann 52 ýyldan soň özüniň ilkinji Dünýä Kubogynda 7 gol salan birinji futbolçy boldy. Ýagny Holanndan öň 1974-nji ýylda polşaly Gžegož Lýato ilkinji gezek gatnaşan çempionatynda 7 goly derweзä girizipdi. Bu ugurda rekord fransiýaly Žust Fontene degişli bolup, ol 1958-nji ýylda gatnaşan ilkinji we ýeke-täk çempionatynda 13 gol geçiripdi.**

**Şeýle-de, Holann italiýaly Kristian Wieriden soň Dünýä Kubogynda oýnan birinji 4 duşuşygynda tapawutlanan ilkinji ýewropaly futbolçy boldy. Holann toparçada Fransiýanyň garşysyna geçirilen oýunda meýdança çykmandy.**

## MESSI ÖŇDE BARÝAR

**Demirgazyk Amerikada dowam edýän Dünýä Kubogynda 96 duşuşyk oýnalyp, şolara stadionlarda tomaşa etmek üçin 6 million 259 müň 584 janköýer gatnaşdy. Umumy san boýunça ähli döwürleriň iň ýokary görkezijisi bolmak bilen bir hatarda, ozalky rekord 1994-nji ýylda ABŞ-da geçirilen çempionata degişlidi (3 million 587 müň 538 janköýer).**

**Ortaça alnanda 23-nji Dünýä Kubogynyň her oýnuna 65 müň 204 janköýerden düşýär. Bu ugurda rekord häzir hem 1994-nji ýyldaky çempionata degişli bolup, ol 68 müň 991-e deňdir.**

**Şeýle-de, ähli Dünýä Kubogy ýaryşlaryny hasaba alanyňda, şu çempionatda tomaşaçylaryň sany 50 milliondan geçdi.**



**Çempionatyň tamamlanmagyna ýenede 8 duşuşyk galdy. Geçirilen 96 oýunda 280 gol hasaba alyndy (ortaça 2,92). Çärýek finaldan öňki oýunlara seredilende, iň köp gol geçiren futbolçylaryň sanawynda, umumy sanawda bolşy ýaly, Lionel Messi 8 top bilen öňdeligi eýeleýär. Fransiýaly Kilian Mbappe bilen norwegiýaly Erling Holannyň 7, angliýaly Harri Keýniň 6 goly bar. Ýaryşy dowam edýän futbolçylardan Jud Bellingam, Usman Dembele hem-de Mikel Oýarzabal 4 gol geçirdi. Dünýä Kubogynyň taryhynda ilkinji gezek bir çempionatda 3 futbolçy azyndan 7 gol geçirmegi başardy.**

## Braziliýanyň taryhynda ýeňip bilmedik ýeke-täk topary

**Geçen ýylyň tomsunda dünýä belli italiýaly hünärmen Karlo Ançelottini wezipä bellän Braziliýanyň milli ýygyndysy bassyr 6 çempionaty çempion bolmazdan tamamlady. Ähli Dünýä Kubogyna gatnaşan ýeke-täk ýygyndy Braziliýa 5 çempionlyk bilen bu ugurda rekordyň eýesidir. Olaryň bassyr çempionlyksyz geçen çempionatynyň sany ilkinji gezek 6-a ýetdi. Başgaça aýdylanda, Braziliýanyň çempionlyksyz geçen ýyly azyndan 28 ýyla ýeter (2030).**



Başdaky 5 çempionaty çempion bolmazdan tamamlan Braziliýanyň ýygyndysy 1938-nji ýylda 3-nji, 1950-nji ýylda-da 2-nji orna mynasyp bolýar. Braziliýanyň ýygyndysy 1958-nji we 1962-nji ýyllarda yzly-yzyna 2 gezek Dünýä Kubogyny eýeleýäp, ilkinji 2 çempionlygyny baýram edýär. 1966-njy ýylda toparçadan çykyp bilmese-de, 1970-nji ýylda iň arzyly kubok sambaçylaryň elinde 3-nji gezek ýokary göterilýär.

Braziliýa 4-nji çempionlygy üçin 24 ýyl garaşýar. Sambaçylar 1974–1978-nji ýyllarda ýarym finala çyksa-da, 4-nji we 3-nji ýer bilen oňňut etmeli bolýarlar. Ýagny 3-4-nji çempionlygyň arasynda 5 çempionaty altyn medalsyz tamamlaýar. 1994-nji ýylda gazanylan 4-nji çempionlyk, 1998-nji ýyldaky kümüş medal we 2002-nji ýyldaky 5-nji çempionlyk futbolyň iň öňdebaryjy ýurdunyň häzirlikçe iň soňky şowly, üstünlikli geçen, ýeňişlere beslenen ýyllary, döwri bolýar. 2014-nji ýylda ýarym finala çyksa-da, Germaniýadan taryhy hasap bilen utulmagy (7–1) janköýerlerde entekler ýatdan çykmajak sarsgyn döredýär.

2006–2010-njy we 2018–2022-nji ýyllarda çärýek finaldan yzyna gaýdan Braziliýanyň ýygyndysyna, ine bu gezek şol çärýek finala hem çykmak başartmaýar. Toparyň tälimçiligine çempionlyk gazandyrsyn diýen umyt bilen bellenen Karlo Ançelotti hem olaryň Dünýä Kubogyndaky şowsuz ýörişine häzirlikçe çäre bolup bilmeýär.

Braziliýan soňky gezek 1990-njy ýylda 1/8 finaldan yzyna gaýdyp, çärýek finala çykyp bilmändi. Italiýadaky çempionatda Argentinadan 1–0 hasabynda utulypdy. Bu çempionatda-da Braziliýanyň çärýek finala çykmagyna 28 ýyldan soň Dünýä Kubogyna gatnaşan Norwegiýanyň ýygyndysy böwet bolýar.

Braziliýanyň milli ýygyndysy şu wagta çenli, 1914-nji ýylyň 20-nji sentýabryndan, ýagny Argentina bilen geçiren ilkinji oýnundan bäri 1070 duşuşyk oýnaýar. Braziliýanyň milli topary dünýädäki 211 ýygyndynyň 88-si bilen duşuşyk geçirýär. we şol 88 ýygyndynyň 87-sini azyndan 1 gezek ýeňýär. Ýöne diňe 1 topary – Norwegiýanyň milli ýygyndysyny henize çenli ýeňmek başartmaýar. Şu gezekki duşuşyk olaryň arasyndaky 5-nji oýun bolup, braziller skandinawlardan 3-nji gezek utulýar (2 deňlik). Dünýä Kubogynda 2-nji gezek asgyn gelen Braziliýa 1998-nji ýylda-da toparçada 2-1 hasabynda ýeňlipdi.




Braziliýanyň umumylykda Wengriýadyr Niderlandlar bilen geçiren duşuşyklarynda-da şol garşydaşlaryna garanyňda ýeňşi az. Wengriýa bilen geçirilen 6 oýnuň 2-sinde ýeňip, 3-sinde utulýar (1 deňlik). Niderlandlardanam 12 oýnuň 4-sinde asgyn gelip, 3-sinde ýeňýär (5 deňlik). Şol sanda Senegala garşy hem Braziliýanyň üstünligi ýok diýse bolar. 3 oýunda her topar 1 gezek ýeňiş gazanyp, 1 duşuşyk hem deňlikde gutarýar. Ýöne şu 4 ýygyndydan galan 84 topar bilen özara duşuşyklarynda garşydaşlaryna garanyňda ýeňşi köp bolan Braziliýanyň häzirlikçe ýeňip bilmedik ýeke-täk topary Norwegiýanyň ýygyndysydyr.

Indi esasy sowal bolsa, çempionlyksyz geçen ýyllaryň barha artýan döwründe halasgär hökmünde wezipä bellenen Karlo Ançelottiniň şertnamasy 2030-njy ýyla çenli dowam eder. Häzirlikçe taraplar çempionatyň şowsuz geçendigine garamazdan, ylalaşyp dowam etjege meňzeýär. Onsuzam ýurduň futbol federasiýasy Ançelottiden bu çempionatda çempionlyga garaşmandy. Olar ussat tälimçiden kem-kemden öz toparyny düzüp, 2030-njy ýyldaky Dünýä Kubogyna taýýarlykly bolmagyny isleýärler. Brazil halkyna hem-de tutuş Ýer şaryndaky janköýerlerine Ançelottiniň samba futbolyny täzeden öňki ýeňişli günlerine ýetirmegine garaşaýmak galýar...

***Gazetiň sport synçysy.***

# DÜNÝÄ KUBOGYNDA 1/8 FINALYŇ OÝUNLARY

### Ylzy-yzyna 2-nji gezek

● Demirgazyk Amerikada dowam edýän 23-nji Dünýä Kubogynda 1/8 finalyň ilkinji duşuşygy bolan Kanada – Marokko oýnunda afrikalylar 3–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Marokkonyň ýygyndysyna ýeňiş getiren gollary Azzedin Unahi (50, 82) bilen Sufian Rahimi (90+8) geçirdi. Rahimi duşuşygyň 22-nji minutynda şikes alan Saibariniň ornuna meýdança girdi. Şeýle-de, oýunda 2 goluň asistini eden Brahim Diaziň bu çempionatdaky asistleriniň sany 4-e ýetip, ol şeýle statistikaly ilkinji afrikaly futbolçy bolmagy başardy. Şunlukda, Marokkonyň ýygyndysy bassyr 2-nji gezek çärýek finala çykdy. Şeýle netije Afrika yklymynyň wekilleriniň arasynda ilkinji gezek hasaba alyndy. Umumylykda, afrikalylar 5-nji gezek çärýek finala adyny ýazdyrdy.

***

Paragwaý bilen Fransiýanyň arasyndaky 1/8 finalyň duşuşygy tapgyryň iň dartgynly oýny boldy. Oýun babatda fransuzlar erjellik görkezse-de, olar iň kiçi hasap esasynda kynlyk bilen ýeňiş gazandy. Duşuşygyň ýeke-täk goluny 70-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Kilian Mbappe geçirdi. Oýna eminlik eden özbegistanly Ilgiz Tantaşew hünärmenlerden juda pes baha aldy. Duşuşykda paragwaýly futbolçylar juda gödek hereketler etselerem, emin olaryň hiç birine sary kartyny hem görkezmedi. Netijede, Fransiýanyň ýygyndysy bassyr 4-nji, umumylykda-da 10-njy gezek çärýek finalda oýnamaga hukuk gazandy.

### Holannyň gollary brazilleri öýlerine ugratdy

● Dünýä Kubogynyň 5 gezek çempiony Braziliýa ýene bir çempionaty şowsuz tamamlady. «MetLife Stadium»-da Norwegiýanyň ýygyndysy bilen duşuşan Karlo Ançelottiniň şägirtleri 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar boldy. Duşuşygyň 13-nji minutynda braziliýaly Bruno Gimaraýnsyň uran 11 metrlik jerime urgusyny Norwegiýanyň 35 ýaşly derwezeçisi Nýulann saklamagy başardy. Norwegiýanyň tälimçisi 2-nji ýarymyň başynda Sörlot bilen Nusanyň ornuna Bobb bilen Şeldrupy meýdança girizdi. Duşuşygyň 79-njy minutynda oýna giren Şeldrupyň asist etmeginde Holann kelle urgusy bilen topy derweзä girizdi. Bu goldan 11 minut soň ýene-de Şeldrupyň pasy bilen bu gezek topy ýerden batly uran Erling Holann hasaby 2–0-a ýetirdi. Duşuşygyň 90+10-njy minutynda Neýmar Junioryň 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly brazillere ýeňiş üçin ýeterlik bolmady. Neýmar futbolyň şasy Peleden soň, 4 Dünýä Kubogynda gol geçiren 2-nji braziliýaly futbolçy bolmagy başardy. 35 ýaşyndaky Neýmar bu duşuşykdan soň milli topardaky karýerasyny tamamlandygyny mälim etdi. Ol 2010-njy ýylda şu stadionda ilkinji gezek Braziliýanyň köýnekçesini geýipdi. Şeýlelikde, Norwegiýanyň ýygyndysy 4-nji gezek gatnaşýan ýaryşynda ilkinji ýola çärýek finala çykdy. Braziliýa bolsa çärýek finala-da çykyp bilmän, ýene bir ýola wagtyndan ir öýüne dolandy. Braziliýanyň ýygyndysy soňky gezek 2002-nji ýylda çempion bolupdy we 1990-njy ýyldan soň ilkinji gezek çärýek finala-da çykyp bilmedi.

### Bu gezek çärýek finala çykmak başartmady

● Meksikanyň ýygyndysy «Estadio Azteca»-da çempionlygyň dalaşgärlerinden Angliýanyň milli topary bilen duşuşyp, oýun howa şertleri sebäpli 1 sagat giç başlandy. Çempionatyň ýatdan çykmajak duşuşyklarynyň birine öwrülen oýunda Angliýanyň ýygyndysy Maradonanyň ilki eli, soňra köpleri aldap geçiren gollary bilen utulan duşuşygyndan 40 ýyl soň ilkinji gezek «Estadio Azteca»-nyň ýaşyl meýdançasyna dolandy. Ilkinji 30 minutda ýer eýeleri has erjel oýun görkezse-de, Jud Bellingamyň 97 sekundyň (36-38-nji minutlarda) içinde geçiren gollary ýer eýeleri üçin garaşylmadyk waka boldy. 42-nji minutda Kuinýones geçirdilen gollaryň biriniň öwezini dolup, aratapawudy bir gola düşürdi. 54-nji minutda iňlislerden sag gyraky goragçy Žarrel Kuansaha emin Fagani VAR-yň duýdurmagyndan soň gyzyl kart görkezdi. Ýöne 60-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyny dürs uran Harri Keýn hasaby 3–1-e ýetirdi. 69-njy minutda emin Keýniň düzgüni bozmagyndan soň bu gezek meksikanlaryň peýdasyna 11 metrlik jerime urgusyny belledi. Ony Raul Himenes dürs urup, galan minutlar üçin toparyny umytlandyrdy. Ýöne 1 oýunçy kem oýnan hem bolsa, iňlisler hasaby saklamagy başardy. Netijede, 3–2 hasabynda ýeňiş gazanan Angliýanyň ýygyndysy bassyr 3-nji, umumylykda-da 11-nji gezek çärýek finala çykmagyň hötdesinden geldi. Bu olaryň Dünýä Kubogyndaky 35-nji ýeňşi boldy.

Dünýä Kubogyny 3-nji gezek guraýan ýeke-täk ýurt Meksika ýene-de çärýek finalyň bosagasyndan gaýtdy. Mundan öň özlerinde geçirilen 2 çempionatda-da çärýek finala çykan meksikanlara bu gezek şol başarnygyny gaýtalamak başartmady. Şu çempionatda gol geçirtmezden ýeňiş gazanyp gelýän Meksikanyň ýygyndysy 1994-2018-nji ýyllar aralygyndaky 7 çempionatda 1/8 finala çykypdy. Geçen çempionatda olar toparçadan çykyp bilmändiler. Meksikanyň ýygyndysy Dünýä Kubogynyň çäginde «Estadio Azteca»-da ilkinji gezek ýeňildi. Olar bu stadionda şu wagta çenli oýnan 90-a golaý duşuşygynda ilkinji sapar 3 gol geçirtdiler.

### Ronaldo karýerasyny Dünýä Kubogynyň çempionlygy bolmazdan tamamlar

● Ýewropanyň iki öňdebaryjy ýygyndysy — Portugaliýa bilen Ispaniýanyň milli toparlarynyň özara



42-nji duşuşygynda ýeňijini ýeke-täk gol kesgitledi. Dallasdaky «AT&T Stadium»-a ýygnanan 70 müňden gowrak janköýer şol gol üçin 90 minutlap garaşmaly boldular. Çekeleşikli geçen duşuşykda oýnuň depgini wagtal-wagtal pese gaçsa-da, futbolçylar çärýek finala çykmak ugrunda ýiti göreş alyp bardylar. Netijede, 1-0 hasabynda Ispaniýanyň ýygyndysy ýeňiş gazanyp, 2010-njy ýyldaky çempionlykdan soň ilkinji gezek çärýek finala adyny ýazdyrdy. Duşuşygyň ýeke-täk goluny 90+1-nji minutda oýnuň 85-nji minutynda meýdança giren Mikel Merino geçirdi. Şunlukda, Ispaniýanyň ýygyndysy 16 ýyldan soň, 7-nji gezek çärýek finala çykmagy başardy.

Şu çempionatda Ispaniýanyň ýygyndysy geçiren 5-nji duşuşygynda derwezesinden top goýbermedi. Toparyň derwezeçisi Unaý Simon 609 minutlap gol geçirtmän gelýär.

Portugaliýanyň ýygyndysy üçin bolsa ýene bir çempionat şowsuz, has takygy, kuboksyz tamamlandy. Bu bolsa iň soňky gezek Dünýä Kubogynda oýnan super ýyldyz Kristiano Ronaldonyň karýerasyny futbolyň iň uly kubogy bolmazdan tamamlajakdygyny aňladýar.

### Çempionatda ýer eýesi galmady

● Mundan öňki tapgyrda gyzyl kart alan amerikaly futbolçy Folarin Balogunyň jerimesiniň ýatyrylmagy bilen baglanyşykly jedelli gürrüňleriň kölegesinde geçirilen ABŞ – Belgiýa duşuşygynda «Lumen Field» stadionyna ýygnanan janköýerler 5 goluň şaýady boldular. Oýnuň 9-njy minutynda belgiýaly Şarl de Ketelare hasaby açdy. Amerikalylar bu gola 31-nji minutda Tillmanyň jerime urgusyndan geçiren goly bilen jogap berse-de, 33-nji minutda De Ketelare 2-nji pökgini hem derweзä girizdi. 57-nji minutda derwezeçiniň gödek ýalňyşlygyndan soň belgiýaly ýarymgoragçy Hans Wanaken aratapawudy 2 gola çykardy. 90+3-nji minutda-da Romelu Lukaku oýna soňky nokady goýdy. 4-1 hasabynda ýeňiş gazanan Belgiýanyň ýygyndysy taryhynda 4-nji gezek çärýek finala çykdy. Duşuşykda 4-nji goly geçiren Romelu Lukaku Dünýä Kubogynyň taryhynda 4 gezek oýna soň girip tapawutlanan ilkinji futbolçy boldy. Lukaku şu çempionatda 3 oýunda – Täze Zelandiýanyň, Senegalyň hem-de ABŞ-nyň, 2014-nji ýylda bolsa ABŞ-nyň derwezesinden meýdança soň girip, gol geçiripdi.

Soňky gezek 2002-nji ýylda adyny iň gowy 8 toparyň arasyna ýazdyran ABŞ-nyň ýygyndysy taryhyndaky 3-nji çärýek finalyna golaýlasa-da, ýer eýesi hökmünde gatnaşýan ýaryşynda bu olara başartmady. ABŞ-nyň ýygyndysyna 1930-njy ýylda bürünç medal berlip, şol ýyl Belgiýany 3–0 hasabynda ýeňipdi. Şondan soň olara Belgiýany ýeke gezek hem ýeňmek miýesser etmedi. Şeýlelikde, Kanadadyr Meksikadan soň 1/8 finalda esasy ýer eýesi ABŞ-nyň ýygyndysy-da 23-nji Dünýä Kubogy bilen hoşlaşdy.

### Argentinanyň taryhy kembegi

● Mundan öňki tapgyrda debýutant Kabo Werdeni kynlyk bilen ýeňen Argentinanyň ýygyndysy 1/8 finalda tasdanam Müsürden asgyn gelipdi. Atlantadaky «Mercedes-Benz Stadium»-a ýygnanan 68 müň 239 janköýer dürli duýgulary başdan geçirdiler. Kabo Werde bilen bolan oýundaky ýalňyşlyklaryny bu duşuşykda-da gaýtalan argentinlere ýeňiş gazanmak ýeňil düşmedi. Oýnuň 15-nji minutynda Ýasser Ibrahim müsürlileri öňe geçirdi. Duşuşygyň 21-nji minutynda Lionel Messiniň uran 11 metrlik jerime urgusyny derwezeçi Şobeir saklamagy başardy. Ýyldyz oýunçy eýýäm şu çempionatda 2-nji gezek 11 metrlik jerime urgusyndan dürs peýdalanyp bilmedi we bir çempionatda 2 gezek 11 metrlik jerime urgusyny salyp bilmedik ilkinji futbolçy boldy. Oýnuň 58-nji minutynda müsürli Mostafa Zikonyň geçiren goly, hüjümiň başlangyjyndaky düzgün bozma sebäpli VAR-yň görkezmesi esasynda hasaba alynmady. Ýöne 67-nji minutda Ziko barybir tapawutlanyp, hasaby 2-0-a ýetirdi.

### Messiniň täze rekordlary

● Oýnuň 79-njy minutynda Messiniň asist etmeginde goragçy Kristian Romero tapawutlanyp, aratapawudy 1 gola düşürdi. Messi 9-njy asistini etmek bilen Diego Maradonanyň Dünýä Kubogy ýaryşlaryndaky 8 asistlik rekordyny täzeledi. 5 minutdan soň bolsa owadan urgy bilen hasaby deňledi. Bu Lionel Messiniň şu çempionatdaky 8-nji, umumylykda-da 21-nji goly boldy. Messi Dünýä Kubogynda bassyr 8, şol sanda pleý-off duşuşyklarynda-da yzlyyzyna 6 oýundan bäri gol geçirip gelýän ilkinji futbolçy bolmagy başardy. Messi germaniýaly Gerd Müllerden soň, ýagny 1970-nji ýyldan bäri bir Dünýä Kubogynda ilkinji 5 duşuşykda 8 gol salan ilkinji futbolçy boldy.

### Dünýä Kubogynyň 3000-nji goly

● Duşuşygyň 90+2-nji minutynda bolsa bu gezek argentinler garşylyklaýyn hüjümde öňe saýlandy. Lautara Martinesiň jerime meýdançasynyň içine gönükdiren topuny kellesi bilen uran Enzo Fernandes tangoçylara ýeňiş getirdi. Bu gol Dünýä Kubogy ýaryşlarynyň taryhyndaky 3000-nji gol hökmünde hasaba alyndy. Galan minutlarda-da müsürlilere hasaby deňlemek başartmady. Şeýlelikde, taryhy kembek bilen 3-2 hasabynda ýeňiş gazanan Argentinanyň ýygyndysy 12-nji gezek çärýek finala çykmagyň hötdesinden geldi. Argentinler Braziliýadyr Germaniýadan soň iň köp çärýek finala çykan 3-nji topar hökmünde bellige alyndy. Argentinanyň ýygyndysy 78-nji minuta çenli 2-0 yzda bolubam soňlugy bilen goşmaça wagt oýnamazdan esasy wagtda ýeňiş gazanan ilkinji topar boldy.

Agza-burna gelen ýeňşi elden gideren Müsüriň ýygyndysyna bolsa özleri üçin juda şowly geçen çempionatda ilkinjilikleriniň (ýeňiş, toparçadan çykmak, 1/8 finalda oýnamak) üstüni çärýek final bilen ýetirmek başartmady.

### 72 ýyldan soň iň gowy 8 toparyň arasyna goşuldy

● 1/8 finalyň iň soňky duşuşygy Kanadanyň topraklarynyň çäginde, ýagny Wankuwer şäherinde oýnaldy. Bu oýun şu çempionat üçin Kanadadaky soňky duşuşyk boldy. «BC Place» stadionynda oýnalan Şweýsariýa bilen Kolumbiýanyň ýygyndylarynyň arasyndaky oýunda 120 minutyň dowamynda hasap açylmady. Esasanam, Şweýsariýanyň derwezeçisi Kobel howply pursatlarda derwezesini goldan halas etmegi başardy. 90 minutdan soň, goşmaça 30 minutda-da hasap üýtgemedi. Netijede, ýeňijini 11 metrlik urgulary kesgitläp, şweýsarlardan diňe Akanži, kolumbiýalylardan bolsa Dawinson Sançes bilen Kuço Hernandesiň urgulary takyk bolmady. Şunlukda, 4-3 hasabynda üstün çykan Şweýsariýanyň ýygyndysy taryhynda 4-nji gezek çärýek finala çykdy. Olaryň mundan öňki çärýek final duşuşyklary geçen asyryň ilkinji ýarymynda hasaba alnypdy. Ýagny 1934-1938-nji hem-de özlerinde geçirilen 1954-nji ýyllardaky çempionatlarda çärýek finala çykan Şweýsariýanyň ýygyndysy 72 ýyldan soň adyny iň gowy 8 toparyň hataryna ýazdyrdy.

Dünýä Kubogy 2026-nyň geçirilýän 3 ýurdunda-da oýnan ýeke-täk ýygyndy bolan Kolumbiýanyň milli topary 2014-nji ýyldan soň taryhynda 2-nji gezek çärýek finala çykmak mümkinçiligini elden giderdi.















## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/8 FINAL

**KANADA — MAROKKO: 0–3**

**KANADA (4–4–2):** Krepo — Jonston, Bombito, De Fužroll, Lareýa (Şaffelburg 78) — Bukenen (Osorio 87), Sigur (Nelson 87), Euştakiu (k), Ali Ahmed (Promis Dewid 78) — J. Dewid, Oluwaseýi (Larin 63); ***Tälimçi:*** Jessi Marş

**MAROKKO (4-2-3-1):** Ýassin Bunu — Hakimi (k), Issa Diop (Saadane 87), Halhal, Mazaui — Buaddi (S. Amrabat 63), El Aýnaui — Brahim Diaz, Azzedin Unahi (El Murabet 87), El Hannus (Talbi 63) — Ismail Saibari (Sufian Rahimi 22); ***Tälimçi:*** Mohamed Uahbi

**GOL:** Azzedin Unahi 50, 82, Sofiýan Rahimi 90+8

**SARY KART:** De Fužroll, Lareýa, J. Dewid, Larin — Hakimi, Halhal, Unahi, El Hannus

**STADION:** NRG Stadium (Hýuston)

**TOMAŞAÇY:** 68 777

**EMIN:** Maýkl Oliwer (Angliýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Azzedin Unahi (Marokko)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/8 FINAL

**PARAGWAÝ – FRANSIÝA: 0-1**

**PARAGWAÝ (5-4-1):** Orlando Hill — Welaskes, G. Gomes (k), Alderete (Kanale 58), Kaseres, Junior Alonso — Almiron (Awalos 71), D. Gomes (Maurisio 71), Kubas, Galarza — Hulio Ensiso (Kabalýero 61); ***Tälimçi:*** Gustawo Alfaro

**FRANSIÝA (4-2-3-1):** Mik Menýan — Žul Kunde, Upamekano, William Saliba, Luka Din — Manu Kone, Adrien Rabio — Usman Dembele (Raýan Şerki 84), Maýkl Olise, Bredli Barkola (Desire Due 61) — Kilian Mbappe (k); ***Tälimçi:*** Didie Deşam

**GOL:** Kilian Mbappe 70 (p)

**SARY KART:** Kone, Olise, Barkola (Fransiýa)

**STADION:** Lincoln Financial Field (Filadelfiýa)

**TOMAŞAÇY:** 68 324

**EMIN:** Ilgiz Tantaşew (Özbegistan)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Orlando Hill (Paragwaý)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/8 FINAL

**BRAZILIÝA – NORWEGIÝA: 1-2**

**BRAZILIÝA (4–3–3):** Alisson — Danilo Luiz, Markinios (k), Gabriel Magalhaes, Duglas Santos — Kazemiro, Bruno Gimaraýns (Ederson Silwa 79), Gabriel Martinelli (Danilo Santos 67) — Raýan (Neýmar 67), Mateus Kunýa (Endrik 58), Winisius Junior; ***Talimçi:*** Karlo Ançelotti

**NORWEGIÝA (4–3–3):** Nýlann — Rýerson (Orsnes 63), Aýer, Heggem, Moller Wolfe (Estigor 90+5) — Berge, Edegor (k), Berg – Sörlot (Oskar Bobb 46), Erling Holann, Antonio Nusa (Andreas Şelderup 46); ***Tälimçi:*** Stal Solbakken

**GOL:** Neýmar 90+10 p – Erling Holann 79, 90

**SARY KART:** Neýmar (Braziliýa)

**STADION:** MetLife Stadium (Nýu Ýork)

**TOMAŞAÇY:** 80 663

**EMIN:** Ismail Elfath (ABŞ)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Erling Holann (Norwegiýa)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/8 FINAL

**MEKSIKA — ANGLIÝA: 2–3**

**MEKSIKA (4–3–3):** Ranhel — Sançes (Fidalgo 79), Montes (k) (Alwares 46), Waskes, Galýardo — Erik Lira, Hilberto Mora (Gutierres 61), Luis Romo (S. Himenes 61) — Alwarado, Raul Himenes, H. Kuinýones (Gillermo Martines 81); ***Tälimçi:*** Hawier Agirre

**ANGLIÝA (4–2–3–1):** Pikford — Kuansah, Konsa, Mark Gehi, O'Raýli (Spens 75) — Raýs, Elliot Anderson (Dan Börn 75) — Saka (Stounz 57), Bellingam, Gordon — Harri Keýn (k) (Rojers 90); ***Tälimçi:*** Tomas Tuhel

**GOL:** Kuinýones 42, R.Himenes 69 (p) — Bellingam 36, 38, Keýn 60 (p)

**GYZYL KART:** Žarrel Kuansah 54 (Angliýa)

**SARY KART:** Sançes, Waskes — Gehi, O'Raýli, Raýs, J. Henderson

**STADION:** Estadio Azteca (Mehiko Siti)

**TOMAŞAÇY:** 80 824

**EMIN:** Alireza Fagani (Awstraliýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Jud Bellingam (Angliýa)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/8 FINAL

**PORTUGALIÝA — ISPANIÝA: 0–1**

**PORTUGALIÝA (4–2–3–1):** Koşta — Kanselo (Dalot 71), Ruben Diaş, Weiga, Nunu Mendeş (Nelson Semedo 56) — Žoao Neweş, Witinýa (Bernardo Silwa 83) — Pedro Netu (Konseýsau 83), B. Fernandeş, Žoao Feliks (Rafael Leao 71) — Kristiano Ronaldo (k); ***Tälimçi:*** Roberto Martines

**ISPANIÝA (4–3–3):** Unaý Simon – Pedro Porro, Pau Kubarsi, Emerik Laport, Kukurelýa — Rodri (k), Dani Olmo (Mikel Merino 85), Pedri (Fabian Ruiz 85) — Lamin Ýamal, Oýarzabal (Borha Iglesias 90+7), Aleks Baena (Ferran Torres 75); ***Tälimçi:*** Luis de la Fuenta

**GOL:** Mikel Merino 90+1

**SARY KART:** Weiga, Bernardo Silwa – Ferran Torres

**STADION:** AT&T Stadium (Dallas)

**TOMAŞAÇY:** 70 649

**EMIN:** Antoni Teýlor (Angliýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Rodri (Ispaniýa)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/8 FINAL

**ABŞ — BELGIÝA: 1–4**

**ABŞ (3–5–2):** Matt Fris — Aleks Friman, Riçards, Tim Rim (k) — Dest (Reýna 46), Malik Tillman, Adams (Pepi 72), MakKenni, Robinson (Arfsten 90+2) — Pulişiç (Berhalter 59), Balogun (Haji Raýt 90+2); ***Tälimçi:*** Maurisio Poçettino

**BELGIÝA (4–2–3–1):** Tibo Kurtua — Kastanýe, Ngoý, Mehele, De Kuýper – Onana (Wanaken 21), Raskin (Aksel Witsel 89) — Lukebakio (Doku 67), Ýuri Tilemans (k), Trossard (Salemakers 89) — De Ketelare (Lukaku 67); ***Tälimçi:*** Rudi Garsiýa

**GOL:** Tillman 31 – De Ketelare 9, 33, Wanaken 57, Lukaku 90+3

**SARY KART:** Tillman, MakKenni (ABŞ)

**STADION:** Lumen Field (Sietl)

**TOMAŞAÇY:** 66 925

**EMIN:** Adham Mahadmeh (Iordaniýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Şarl De Ketelare (Belgiýa)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/8 FINAL

**ARGENTINA — MÜSÜR: 3–2**

**ARGENTINA (4–1–3–2):** Emiliano Martines — Molina (Montiel 73), Romero (Otamendi 90+5), Lis. Martines, Taliafiko (Niko Gonzales 66) — Parades — De Paul (Lautara Martines 66), Enzo Fernandes, Mak Allister — Lionel Messi (k), H. Alwares (Medina 90+5); ***Tälimçi:*** Lionel Skaloni

**MÜSÜR (4–2–3–1):** Şobeir — Mohamed Hani, Rabia, Ibrahim, Hafez — Laşin (Zizo 90+6), Attia — Hassan (Trezege 73), Mohamed Salah (k), Emam Aşur (Fathi 46) — Mostafa Ziko (Marmuş 80); ***Tälimçi:*** Hossam Hassan

**GOL:** Kristian Romero 79, Lionel Messi 84, Enzo Fernandes 90+2 — Ýasser Ibrahim 15, Mostafa Ziko 67

**SARY KART:** Şobeir, Attia, Hassan, Fathi, Hossam Hassan

**STADION:** Mercedes-Benz Stadium (Atalanta)

**TOMAŞAÇY:** 68 239

**EMIN:** Fransua Leteksie (Fransiýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Lionel Messi (Argentina)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/8 FINAL

**ŞWEÝSARIÝA – KOLUMBIÝA: 0-0, 4-3 (p)**

**ŞWEÝSARIÝA (4-3-3):** Kobel — Zakariýa (Widmer 87), Akanži, Elwedi, R. Rodriges (Muhaým 71) — Džaka (k), Froýler, Jaşari (Sow 46) — Rider (Amduni 103), Embolo (Itten 87), Ndoýe (Wargas 90+1); ***Tälimçi:*** Murat Ýakin

**KOLUMBIÝA (4–3–3):** Wargas — Munýos, Sançes, Lukumi (Ýerri Mina 118), Mohika — Lerma (Rios 82), Jon Arias (Kintero 66), Puerta — Hames Rodriges (k) (Kampas 66), Luis Suares (K. Hernandes 82), Luis Diaz; ***Tälimçi:*** Nestor Lorenzo

**PEN:** Džaka, Amduni, Itten, Wargas (Akanži) – Kintero, Kampas, Luis Diaz (Sançes, Hernandes)

**SARY KART:** Zakariýa, Džaka, Muhaým – Sançes, Luis Suares,

**STADION:** BC Place (Wankuwer)

**TOMAŞAÇY:** 52 497

**EMIN:** Iwan Barton (Salwador)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Gregor Kobel (Şweýsariýa)

## Çempionlyga barýan soňky ädimler: çärýek finalyň duşuşyklary

Dartgynly, çekeleşikli geçen we jedelli pursatlara baý bolan 1/8 finalyň oýunlary tamamlanyp, indi gezek çärýek finalyň duşuşyklarynda. Çärýek finala çykan toparlaryň 6-sy Ýewropanyň wekilleri bolup, Afrikadyr Günorta Amerikadan hem 1 topar atlaryny iň gowy 8 ýygyndynyň hataryna goşdy. Ýewropalylaryň 4-si özara duşuşar. Bu bolsa Ýewropanyň azyndan 2 toparynyň ýarym finala çykjakdygyny aňladýar. Şol bir wagtyň özünde çärýek finala çykan toparlaryň 4-siniň öň çempionlygy bolup, galan 4-si ilkinji kubogy üçin göreşýär. Çempion toparlar çärýek finalda şol çempion bolmadyk toparlar bilen duşuşar.

### FRANSIÝA – MAROKKO

● Çärýek finalyň 1-nji duşuşygy Fransiýa bilen Marokkonyň ýygyndylarynyň arasynda bolup, olaryň mundan öňki 6 duşuşygynda fransuzlar 4 gezek ýeňiş gazandy (2 deňlik). 2 topar 4 ýyl öň Katardaky çempionatyň ýarym finalynda-da duşuşypdy we Fransiýa 2–0 hasabynda utupdy.

### ISPANIÝA – BELGIÝA

● Çärýek finalyň 2-nji duşuşygy anna gününden şenbe gününe geçilýän ýarygijede başlanjak Ispaniýa — Belgiýa oýnudyr.




Los Anjelesdäki «SoFi Stadium»-da oýnaljak bu duşuşyga angliýaly Maýkl Oliwer eminlik eder. Toparlaryň ikisi mundan öň 23 gezek özara duşuşyk geçirdi. Şolaryň 12-sinde Ispaniýa, 5-sinde Belgiýa ýeňiş gazanyp, 6 oýunda üstün çykan bolmady (46-22 gol). Ispaniýa bilen Belgiýanyň ýygyndylary Dünýä Kubogynda 3-nji gezek duşuşarlar. Olaryň birinjisi 1986-njy ýylda çärýek final duşuşygy bolup, esasy wagty 1–1 tamamlanan oýunda 11 metrlik urgularyň netijesinde Belgiýa matadorlardan üstün çykypdy. Ikinji duşuşyk 4 ýyl soň Italiýa 1990-da toparçada oýnalyp, Ispaniýa Miçel (p) hem-de Gorrisiň gollary esasynda 2-1 hasabynda ýeňiş gazanypdy.



### NORWEGIÝA – ANGLIÝA

● Çärýek finalyň 3-nji oýny şenbe gününden ýekşenbe gününe geçilýän gije 02:00-da başlanjak Norwegiýa — Angliýa duşuşygy bolup, ol Maýami Gardensdäki «Hard Rock Stadium»-da oýnalar. Bu 2 ýygyndy mundan öň 16 gezek duşuşdylar. Şolaryň deň ýarysynda, ýagny 8 oýunda iňlisler ýeňiş gazandy. 2 duşuşyk norwegleriň peýdasyna tamamlanyp, 6 oýunda ýeňiş gazanan bolmady. Gollarda 33–14 Angliýanyň ýygyndysy ep-esli öňde barýar. Nobatdaky oýun olaryň Dünýä Kubogynyň çäginde özara geçirjek ilkinji duşuşygy bolar.



### ARGENTINA – ŞWEÝSARIÝA

● Bir Dünýä Kubogynyň çäginde ilkinji gezek 100-den köp duşuşyk geçiriler. 100-nji duşuşyk hem çärýek finalyň iň soňky oýny bolup, onda Argentina bilen Şweýsariýanyň ýygyndylary duşuşarlar. Oýun ýekşenbe güni dańdan 06:00-da başlar. Argentina bilen Şweýsariýanyň arasyndaky bu oýun olaryň özara 8-nji duşuşygy bolar. Öňki 7 oýunda Argentina 5 gezek ýeňiş gazanyp, 2 duşuşyk deňlikde tamamlandy. Argentinleriň 15 goluna şweýsarlar 3 gol bilen jogap berdi. Olar Dünýä Kubogynyň çäginde 3-nji gezek duşuşarlar. Öňki 2 oýnuň birinjisi 1966-njy ýylda hasaba alnyp, toparçadaky şol duşuşykda tangoçylar Artime we Oneganyň gollary esasynda 2–0 hasabynda utupdy. Olar 2-nji gezek 2014-nji ýylda Braziliýada duşuşdylar. 1/8 finaldaky şol oýunda Argentinanyň ýygyndysy goşmaça wagtda Anhel Di Mariýanyň ýeke-täk goly esasynda ýeňşini baýram edipdi.

10-njy iýul: **FRANSIÝA — MAROKKO** — Gillette Stadium (Boston) — Fakundo Telýo (Argentina)

11-nji iýul: **ISPANIÝA — BELGIÝA** (00:00) — SoFi Stadium (Los Anjeles) — Maýkl Oliwer (Angliýa)

12-nji iýul: **NORWEGIÝA — ANGLIÝA** (02:00) — Hard Rock Stadium (Maýami)

12-nji iýul: **ARGENTINA — ŞWEÝSARIÝA** (06:00) — Arrowhead Stadium (Kansas Siti)